TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝaZMALAR INSTITUTY

**MUHAMMET GAZALY**

# SOLTAN SANJARA BAGYŞLANAN NESIHATLARDAN PARÇALAR

AŞGABAT «MIRAS» 2006

## MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN

Bu yslam alymy, halka ýol görkeziji, ynsanlaryň ýagşysy, gaýgy-gussalary dep ediji Muhammet ibn Muhammet ibn Muhammet el-Gazaly el-Tusynyň (goý, Alla onuň mübärek ruhuny şat etsin!) Soltan Sanjar (Alla onuň şan-şöhratyny artdyrsyn!) üçin ýazan kitabydyr. Bu kitabyň ýazylmagyna sebäp bolan zat şudur: Soltan Sanjar Aşyr aýynyň onuna Muhammet Gazalynyň ýanyna ilçi iberip, ondan: «Biz onuň didaryny görmegiň arzuwyndadyrys. Ol biziň ýanymyza gelse, onuň bilen söhbetdeş bolmaklygy we hiç bolmanda, onuň bilen bir pursatlyk sogap işde şärik bolmaklygy isleýäris» diýen habar ýollady.

Yslam alymy oňa: «Bu isleglininiň isleginiň delili däldir» diýip jogap iberdi we ony öz ýanyna çagyrdy. Yslam alymyndan çakylyk alan Soltan Sanjar saklanmazdan, derrew atyna atlanyp, onuň ýanyna gitdi.

Ol şol gün tä agşama çenli onuň söhbetinde boldy. Olar bile bolan pursatlary ähli wagtlaryny Hudaýa ybadat etmeklige bagyş etdiler. Soltan Sanjar yzyna gaýtmakçy bolanda, oňa:

– Meniň şoňa eýermegım üçin, maňa bir nesihat ber – diýdi. Şonda şyh:

– Nesihat haçanda, bagtyýar üzeňňiňiz köşgüňize ýetende, şonuň yzyndan iberiler – diýdi.

Şondan soň Gazaly bu kitaby düzüp, Soltan Sanjara ýollady. Soltan Sanjar bu kitaby hemişe uly höwes bilen okaýardy we ony hiç haçan özünden uzaklaşdyrmaýardy. Has dogrusyny Alla gowy bilýändir.

### *Mähriban hem rehimli Allanyň ady bilen*

Älemleriň Perwerdigäri bolan Alla hamdy-sena bolsun! Ahyretdäki belent derejeler takwa kişiler üçindir. Onuň ilçisi Muhammede we onuň päk nesline salawat bolsun!

Bilgin, eý, yslam patyşasy! Beýik Alla saňa sansyz nygmatlary eçilendir. Seniň oňa şükür etmegiň wajypdyr. Kim Hudaýyň nygmatlaryna şükür etmese, ol nygmatlaryň ýok bolmak, elden gitmek howpy dörär. Ol kyýamatda azaba, görgä we ezýete sezewar bolar. Ahyrsoňy ýitip gitjek nygmatlaryň akyl-parasat eýeleriniň ýanynda hiç bir gadyr-gymmaty ýokdur.

Ömür hernäçe uzyn hem bolsa, ahyr bir gün soňlanmak bilen bolýar. Nuh pygamber müň ýyl ýaşady we onuň ölenine bäş müň ýyl bolup geçdi. Diýmek, gadyr-gymmat – diňe baky galjak nygmatdadyr. Ol nygmat bolsa imandyr. Hudaýtagala her kime iman bagyş edendir. Şol iman tohumynyň köki zemin jümmüşine, şahasy asman jylawyna ýetip duran bir daragt bolup ýetişmegi üçin, tabynlyk suwy bilen suwar. Allatagala şeýle diýýär: («Eý, ynsanlar) Allanyň ýagşy söze (ýagny iman kelemesine) nähili mysal getirenini görüň. Ol söz, göýä bir asyl daragta meňzeş bolup, Perwerdigäriň isleg-eradasy miwe berer»[1].

Iman daragtynyň şahasy hem köki bolmasa, imanyň ýok bolmak howpy ýüze çykar.

Bilgin, eý yslam patyşasy! Allatagala saňa bu nygmaty eçilendir. Iman tohumyny seniň ol päk gursagyňda we eziz kalbyňda ornaşdyrandyr. Ol tohumy idetmekligi seniň öz üstüňe ýükländir.

**Bilgin, iman daragtynyň on sany köki we on sany şahasy bardyr. Onuň köki – kalbyň ynançlarydyr, şahasy – ten hereketleridir.** Yslam patyşasy bu daragty ösdürip, kemala getirmelidir. Şonuň üçin hökümdara bu daragtyň on sany köküni we on sany şahasyny beýan etmek wajypdyr. Bu bagt dili senaly men pakyryň paýyna düşdi. Nesip bolsa, bu işe hepdäniň ahyret sogaby berilýän juma gününde – beýik Allatagala ybadat edilýän güni girişeris. Ol gün mömin musulmanlaryň baýramçylyk güni bolan Anna günüdir. Anna gününde şeýle bir sagat bolup, ol sagatda dil bilen doga-sena aýdylar, köňül bilen Allatagala golaýlaşylar. Şeýlelikde, ol kişiniň hajatlary bitiriler, dilegleri kabul ediler. Eger sende bir gul bar bolsa, sen hem oňa: «Hepdede ýekeje gün maňa hyzmat et.

[1] Гурханыє 14-нїи («Ыбрайым») сґресиниє 24-нїи аяты.

Onsoň men seniň alty günlük günäňi geçeýin» diýseň, ol hem muňa razy bolsa, onda seniň ýanyňda ol bendäniň ahwaly niçik bolardy? Ýogsa, ol seniň Ýaradanyň hem däl, bendäňem. Diňe erk-ygtyýarda saňa garaşly bolan gul. Hakykatdan, seniň özüň Beýik Allanyň Ýaradany we Onuň bendesisiň. Onda näme üçin sen özüňe rowa görýän zadyňy öz bendeleriňe rowa görmeýärsiň?

Anna güni agşamy roza tutmaklyk (agyz beklemek) niýet ediler. Anna gününde säher bilen gusul ediler (ýuwunylar). Üç sypatdaky – halal, päk-tämiz we ýüpek matadan bolmadyk eşikler geýiler. Ertir namazyna jemagat bilen bile durular. Namazda otyrkaň, tä gün dogýança eliňe tesbi alnyp, Hudaýa şükür ediler, hamdy-sena aýdylar. Müň gezek: «Lä ilähä illallah Muhammeder-Resulallah» (Alladan başga hiç bir Hudaý ýokdur, Muhammet hem onuň ilçisidir) diýip aýdylar. Guşluk wagty dört rekat namaz okalar. Anna gününde bu namazyň sogaby has uludyr. Namazdan soňra islendik ýagdaýda hemişe: «Eý, Perwerdigärim! Muhammede we Muhammediň nesil-neberesine alkyş bolsun!» diýip aýdylar. Soňra: «Perwerdigärim Allatagaladan günämi ötmegini dileýärin we toba edýärin» diýip aýdylar. Birinji günde Hudaý ýoluna eliňden gelen sadakaňy bagyş etseň, Hudaý şol günüň we şol hepdäniň ýaramazlyklaryny seniň başyňdan sowar. Rozanyň, namazyň, sadakanyň we alkyş-doganyň bereketi ol hepdäniň galan günlerinde seniň işiňe päsgel bermez.

# IMAN KÖKÜNIŇ YNANÇ ESASLARYNYŇ BAŞLANMAGY

## *1. Allatagalanyň barlygy hakda*

Bilgin, eý, patyşa! Sen bir Ýaradylansyň! Seni ähli halaýygy ýaradan Beýik Alla Ýaradandyr. Alla birdir. Onuň hiç zada we hiç kime mätäçligi ýokdur. Ol taýsyzdyr (Onuň taýy ýokdur). Hemişe bolar. Onuň barlygynyň başlangyjy ýokdur. Şeýle hem Onuň barlygynyň soňy-da ýokdur. Onuň barlygy ezelde-de, ebedilikde-de wajypdyr. Onuň ýanynda ölüme hiç hili ýol ýokdur. Beýik Alla seniň hiç bir zadyňa mätäç däldir. Oňa mätäç bolmadyk hiç zat ýokdur. Bar bolan zatlaryň ählisi Onuň bilendir.

## *2. Allatagalanyň päkligi hakda*

Haktagalada hiç hili şekil, ten, göwre ýokdur. Ony hiç bir göwrä ýerleşdirip bolmaýar. Onuň ýanynda nähili, neneňsi diýen sypatlara orun bolup bilmez. Çünki, Ol hiç bir zada meňzemeýändir. Adamyň pikir-hyýalyna, aňyna, göz öňüne gelýän näçe, nähili diýen garaýyşlaryň hemmesinden Seniň Hudaýyň juda päkdir. Bularyň ählisi ýaradylanlaryň sypatlarydyr. Ol adamdaky hiç bir sypat bilen sypatlanan däldir. Ol diňe bir ýerde gozganman duran däldir. Ol diňe bir ýere baglanan we bir ýerde mekan tutan däldir. Älemdäki ähli zatlar Arşyň[1] astyndadyr. Arş onuň gudratynyň astyndadyr. Şeýle-de Arş Oňa tabyn, boýun egiji we gulluk edijidir. Arş Ony göteriji däldir, gaýtam, Arş we Arşy göterijiler Onuň lutfy-yhsanynyň, gudratynyň gorap hem göterip duran zadydyr. Ol häzir hem asylky sypatyndadyr.

---

[1] Арш – еди гат асман гутарандан соєкы бейиклик. Асманыє докузынїы гаты.

Arşy ýaradandan soň hem Arşa mätäç bolmady. Ondan soňra-da öňküligine galdy. Oňa we sypatlaryna hiç haçan üýtgeme ýokdur. Ol ähli ýaradylanlaryň sypatlaryndan päk hem päkizedir. Beýik Allany şu sypatlary arkaly bu jahanda tanamalydyrys, o jahanda görmelidiris. Şeýle-de bu jahanda Ony şeksiz-şübhesiz tanamalydyrys.

### *3. Allatagalanyň gudraty we başarnygy hakda*

Seniň Hudaýyňyň kämilligine we başarjaňlygyna şek ýetirip biljek zat ýokdur. Gudraty we başarjaňlygy aňrybaşy derejede bolup, Onuň ýanynda nogsanlyga, peslige we ejizlige hiç hili orundyr ýol bolup bilmez. Ol islän zadyny eder. Ýedi Asman, ýedi gat Ýer, Arş, Kürs[1] we ähli barlyklar Onuň gudratly gysymynda tabyn hem boýun egijidir.

### *4. Allatagalanyň ylmy hakda*

Seniň Hudaýyň danadyr. Hemme zady bilijidir. Onuň ylmy ähli zatlary gurşawyna gurşap alandyr. Asmanyň çür depesinden ýedi gat Zeminiň jümmüşine çenli bolan zatlar Onuň biliminden sypyp bilmez.

Çägesöw çöllükdäki sansyz çäge bölejikleri, ýagyş-ýagmyr damjajyklary, derekleriň ýapraklary, ýürekleriň sedalary, howadaky tozgajyklar we asman jisimleri Onuň ylymdaky açyşlarydyr.

### *5. Allatagalanyň islegi we erki hakda*

Bütin älemdäki zatlaryň ählisi Allatagalanyň islegi we erki bilen bolýandyr. Onuň islegi, erki, buýruk-permany we hökümi bolmazdan, az-köp, uly-kiçi, haýyr-şer, peýda-zyýan, köplük-azlyk, nogsan-üstünlik, azap-rahatlyk, saglyk-

[1] Кґрс – еди гат асмандан ёкарда, Аршдан ашакда ерлешйўн секизинїи гат асман. Ўхли барлыкларыє язгытлар китабы (Ловхул махфуз) хем шол ерде сакланяр.

ýarawsyzlyk ýaly zatlaryň hiç biri bolmaz. Eger älemi gurşap duran ähli zatlar birleşip, älemiň birje zerrejigini ýerinden gozgajak bolsalar, ýa butnatman ýerinde saklajak bolsalar, ýa köpeltjek ýa-da azaltjak bolsalar, Onuň eradasy bolmazdan, olaryň ählisi ejiz bolarlar we bu işiň hötdesinden gelip bilmezler. Seniň Hudaýyň näme islese, şolam bolar. Bar, bolan we indiki boljak zatlaryň hemmesi Onuň takdyry bilendir.

### *6. Allatagalanyň görüjiligi we eşidijiligi hakda*

Seniň Hudaýyň danalygy we her bir zady bilgirligi ýaly, eşidiji we görüjidir. Ol her bir zady görýändir we eşidýändir. Allanyň eşidijiliginiň ýanynda uzaklygyň we ýakynlygyň, görüjiliginiň ýanynda ýagtylygyň we garaňkylygyň parhy bolmaz. Ol görmek üçin göze, eşitmek üçin gulaga mätäç däldir. Bilmek üçin pikirlenmäge we serişdä mätäç däldir. Ol hereket etmek üçin hem serişdä we gurala mätäçlik çekmez.

### *7. Allatagalanyň sözleýjiligi hakda*

Allatagalanyň buýruk-permany ähli halk üçin ýörgünlidir we wajypdyr. Allanyň habary haýsy zat barada aýdylan bolsa-da, rastdyr we dürsdir. Onuň wadalarydyr duýduryşlary hakdyr. Şeýle-de, Ol Beýik hem Päk – Dana, Görüji, Eşidiji we Sözleýjidir. Ol Musa bilen söz sözleşdi. Onuň sypaty gadymy hem müdimidir. Sözlemek üçin agza, dile we dodaga mätäç däldir.

Gurhan, Töwrat, Injil, Zebur – ählisi – Onuň sözleridir. Onuň sözi – Onuň sypatydyr. Adamyň sözi ses we harpdan hasyl bolýandyr. Allatagala sözlemek üçin sese we harpa mätäç däldir. Ol bularyň hemmesinden päk hem sapdyr.

### *8. Allatagalanyň hereketi hakda*

Älemdäki ähli zatlar Allatagalanyň ýaradanydyr. Ýaradylanlardan hiç birisiniň Oňa ilteşigi bolmaz. Ýaradylanlardan: gaýgy-rahatlyk, saglyk-näsaglyk, baýlyk-derwüşlik, danalyk-akmaklyk we ejizlik hem tutanýerlilik ýaly zatlaryň ählisi Onuň adyllyk bilen ýaradanlarydyr. Seniň Hudaýyň hiç kime zulum edýän däldir. Älemdäki bar bolan ähli zatlar Hudaýtagalanyň ygtyýaryndadyr. Ol ähli zatlaryň hojaýynydyr. Hiç kim Onuň ýaradan zatlaryna nähili, näme üçin diýen soraglary bermäge milt edip bilmez. Onuň her bir edýän işine seretmekden, boýun, kaýyl we razy bolmakdan başga çäre ýokdur.

### *9. Ahyretiň beýany hakda*

Seniň Hudaýyň älemi jan we göwre görnüşde ýaratdy. Özleriniň ahyret azyklaryny bu älemden almaklary üçin, göwräni adamlaryň janynyň menzilgähi etdi. Her jana göwrede bolmak, ýaşamak üçin, belli bir möhleti kesgitledi. Ol möhletde artyklyk ýa kemlik diýen zat ýokdur. Haçanda ajal gelende, ruh tenden jyda düşer. Merhumy topraga duwlanlarynda, Müňker we Nekir hem gelip ýetişerler. Onsoň ýene-de merhuma jan hem göwräni gaýdyp bererler. Müňker-Nekir oňa Hudaý we Onuň pygamberleri hakda sowal bererler. Eger dymsalar, oňa gabyrda azap çekdirerler we gabryny ýylandyr içýan bilen doldurarlar. Eger gowy jogap berse, onuň gabryny behişt bossanlyklaryndan bolan bir bossanlyga öwürerler. Kyýamatda ruhy göwrä bererler hem-de ählisini turuzarlar. Her kim namada ýazylan öz işlerini görenlerinde, bu dünýede eden işleriniň ählisini ýatlaryna salarlar. Onuň tagatynyň we günäsiniň mukdaryny şol işe laýyk bolan terezide mälim ederler. Ol terezi bu dünýädäki terezilerden düýpgöter üýtgeşikdir. Bu üýtgeşik täsin terezi her kimiň ýagşy-ýaman işlerini, amallaryny ölçäp deňeşdirer we her haýsynyň eden işine görä hakyny berer. Ondan soňra hemmeleri saçyň taryndan inçejik, gylyçdan hem ýiti bolan Syrat köprüsinde duruzarlar. Eger kim-de kim bu dünýäde göni ýoluň üstünde dogry ýörän bolsa, Syratdan kyýamata sag-salamat baryp düşer. Kim-de kim bu jahanda bu zatlaryň tersine hereket eden

bolsa, dowzaha baryp düşer. Syratda hemmeleri saklarlar we eden işleriniň ählisi barada hasabat sorarlar. Bir topary hasap soramazdan, behişte alyp giderler. Bir topardan aňsatlyk bilen, ýene bir topardan kynçylyk, agyrlyk bilen hasap sorarlar. Ahyrsoňunda, kapyrlary dowzaha ibererler. Şeýle-de musulman topalaňçylaryny hem dowzaha ýollarlar. Ol ýerde olaryň her haýsynyň eden günälerine görä jeza bererler, birnäçeleri bolsa jezalandyrylmaz. Pygamberleriň, ulamalaryň we dindarlaryň tarapyny tutanlaryň günäleri geçiler we dowzah odundan halas bolarlar. Elbetde, hiç bir kapyra hiç bir kişi rehim edip bilmez. Kapyrlar babatda edilen rehim-şepagatlar hiç haçan kabul bolmaz. Olaryň jaýy ebedilik dowzahdan başga hiç ýer bolup bilmez. Haktagala ozaldan birnäçe adamyň ebedi betbagt, birnäçe adamyň ebedi bagtly boljakdyklaryny Bilijidir.

### *10. Allatagalanyň pygamberleri hakda*

Bilgin, eý, hökümdar! Allatagala adamzadyň işleriniň we hereketleriniň kābiriniň betbagtlyga, kābiriniň bolsa bagtyýarlyga sebäp bolmagyny ýazgyt edipdir. Adamzat olary öz-özünden bilip-bilmez. Taňry özüniň pazly-keremi, rehmeti bilen perişdeleri ýaradyp, olara ezeli günde bagtyýarlyk höküm edilen kişileri, ýagny pygamberleri bu syrdan habarly etmekligi buýurdy. Pygamberlere habar berip, halkyň bagtyýarlyga we betbagtlyga eltýän ýoluny äşgär ederleri ýaly, şeýle hem hiç kim seniň Hudaýyňdan şikaýat edip bilmez ýaly, olary halkyň arasyna iberdi. Bularyň hemmesinden soňra, biziň ilçimiz Muhammet Mustapany (oňa beýik Allanyň salamy bolsun!) halkyň içine iberdi. Allatagala jynlardan we ynsanlardan başlap, ýaradylanlaryň barçasyna Onuň yzyna eýermekligi buýurdy. Onuň ýaranlarydyr sahabalaryny (goý, olardan Alla razy bolsun!) başga pygamberleriň ýaranlaryndan we sahabalaryndan iň oňat edip saýlady.

# IMAN DARAGTYNYŇ ŞAHALARY

Bilgin, eý, yslam patyşa! Ylymdan we ynamdan başlap, kalpda bar bolan zatlaryň ählisi iman kökleridir, tabynlykdan, adyllykdan başlap, bedeniň ýedi agzasynyň ýerine ýetirýän zatlarynyň hemmesi iman şahalarydyr. Şaha solup, başlary süllerse, onuň sebäbi kököüň ýaramazlygyndandyr. Imanyň şahasynyň amallary Seniň Hudaýyňyň halamajak her bir haram zadyndan gaçmakdan we Onuň her bir parz eden zadyny berjaý etmekden ybaratdyr.

Bu iki bölümden durýandyr. Birinjisi, sen bilen seniň Hudaýyňyň arasyndaky gatnaşykdyr. Bu gatnaşyk namaz-rozany berjaý etmek we haram iýmekden hem haram iş etmekden daşda durmak ýaly zatlary öz içine alýandyr.

Ikinjisi, sen bilen halkyň arasyndaky gatnaşykdyr. Bu gatnaşyk adalatdan, ýagny seniň öz golastyňdaky raýatyňa adalatly, ezilenlere we ejizlere ynsaply garamagyňdan ybaratdyr.

Özüň bilen öz Hudaýyňyň arasyndaky gatnaşykda şeýle hereket et: garamagyňdakylaryň özüňe neneňsi tabyn bolmagyny rowa görýän bolsaň, sen özüň bilen Haktagalanyň arasyndaky her bir zady edil şonuň ýaly tabynlykda we görnüşde berjaý et. Ine, sen şonda Hakyň razylygyny gazanyp bilersiň.

Özüň bilen halkyň arasyndaky gatnaşygy şeýle görnüşde berjaý et: sen özüňi raýat, başga birini hem soltan hökmünde göz öňüňe getirip gör. Şonda onuň seniň bilen nähili gatnaşyk etmegini isleýän bolsaň, soltanlyk wagtyňda öz garamagyňdaky ejiz hem ezilen halk bilen hem şeýle gatnaşyk etmegi ýola goý.

Bilgin, halka zulum edilmegi bilen baglanyşykly zatlara kyýamatda hiç hili gözýumujylyk etmezler. Bu örän hatarly ýagdaýdyr. Bu howpdan halkyna adyllyk eden, raýatlaryndan we ejizlerden zalymlaryň hem biganeleriň ellerini çekdiren,

ezilenleriň aryny alyp, arkalaryny tutan, zalymlary we sütemkärleri özüne tabyn eden we ejizleriň erbet gargyş-dogalaryndan aman bolmany başaran soltandan başga hiç bir kişi halas bolup bilmez. Eger şeýle bolsa, kyýamatda adyllygy we adalatlylygy senden nähili görnüşde sorajakdyklaryny bilmegiň üçin, iň gowusy, geliň, adyllygyň usullaryny seljereliň. Raýata adyllyk we adalatlylyk etmegiň görnüşleri iman daragtynyň on şahasyny düzýändir.

### *1. Patyşalygyň gadyryny bilmek we onuň howpuny duýmak hakda*

Yslam patyşasy ilkinji nobatda öz patyşalygynyň gadyryny bilmelidir. Şeýle hem, onuň howpunam ýatdan çykarmaly däldir. Çünki, patyşalyk bir uly nygmatdyr. Kim oňa şükür edip, patyşalygy hakyky bolmalysy ýaly ýöretse, hiç ýerde tapylmajak, aňrybaşy bagtyýarlyga eýe bolar. Munuň tersine, bu işde şükür etmän, günälere ýol berse, kapyrlygyň bäri ýanyndaky betbagtlyga uçrar.

Bu nygmatyň gadyrynyň uludygynyň delili şudur: Pygamberimiz aýtdy: «Adyl soltanyň bir günlük adyllygy altmyş ýyllyk ybadatdan has artykdyr». Ol (oňa Allanyň salamy bolsun!) ýene-de aýtdy: «Kyýamatyň gopan we Arşyň saýasyndan başga hiç hili saýadyr penagähiň galmadyk güni ýedi kişi Ol saýanyň aşagynda jaý tapar. Olaryň birinjisi, öz garamagyndaky raýatyna adyllyk eden we ejizi zalymyň elinden halas eden soltan. Ikinjisi, Seniň Hudaýyňa ybadat etmäge çykan, öz ömrüni Oňa tabyn bolmaga bagyş edip, haramdyr ýaramazlyklardan daşda duran ýaş juwan. Üçünjisi, özi bazarda otursa-da, kalbyny metjide baglan kişi. Dördünjisi, Allanyň razylygy üçin, biri-biri bilen dost bolan iki kişi. Bäşinjisi, çola ýerde Hudaýy ýatlap, gözlerinden boýur-boýur gözýaş akdyran kişi. Altynjy, görk-görmekli aýal öz ýanyna çagyranda, oňa: «Men seniň Hudaýyňdan gorkýan» diýmegi we onuň üstüne özüniň içiňden geçip barýan ot-ýalynly pis sözlerini pürkmegi başaran adam. Ýedinji, sag eli bilen beren sadakasyndan çep eliniň habary bolmaýan, ýagny beren sadakasynyň gürrüňini edip, diline çolamaýan kişi». Pygamberimiz (oňa Allanyň salawaty bolsun!) aýdýar: «Bendeleriniň içinde

seniň Hudaýyňa iň ýakyn we iň eziz kişi – adyl soltandyr. Bendeleriniň içinde Hudaýtagala iň duşman we iň ýaramaz kişi bolsa zalym soltandyr».

Ol ýene-de aýtdy: «Bilgin, Hudaý (Janym elinde bolan Hudaýtagala kasam!) meni halka dogry hem göni ýoly görkezmegim üçin ugradandyr. Adyl soltanyň her bir güni asmana tutuş raýatynyň amalyna barabar amal äkidýändir. Onuň her bir namazy ýetmiş müň namaza barabar gelýändir».

Patyşalyk bagyş edilen kişi ýurduň we patyşalygyň gadyryny bilmelidir. Eýsem, Allatagala bir kişä patyşalyk ýa-da soltanlyk derejesini bagyş etse, ol kişi üçin, şondan aňyrda başga uly nygmat bolup bilermi? Onuň bir sagatlyk ömri özge kişiniň tutuş ömrüne barabar gelýändir.

Patyşalygyň has howply tarapy barada Ibn Apbas[1] (goý, Alla ondan razy bolsun!) şeýle diýýär: «Bir gün pygamberimiz (oňa Allanyň salamy bolsun!) gelip, Käbäniň gapysynyň daşyna halka aýlady. Ol ýerde kuraýyşlardan bolan bir kowum bardy. Pygamberimiz aýtdy: «Eý, kuraýyş jenaplary, raýatyňyz we golastyňyzdakylar babatda üç sany işi berjaý ediň. Olar şulardan ybaratdyr: birinjisi, olar sizden rehmet isleseler, rehmet ediň. Ikinjisi, olar sizden höküm etmegiňizi isleseler, adyllyk ediň. Üçünjisi, näme aýdyp-diýseler, talap etseler, şonam berjaý ediň. Bu borçlary berjaý etmedik kişä Allanyň, perişdeleriň we ähli adamlaryň näleti bolsun! Hudaý ol kişiniň parzyny we sünnetini kabul etmesin!».

Pygamberimiz aýtdy: «Eger kimde-kim iki duşmanyň arasynda araçy hökmünde höküm edip, zulum etse, oňa Hudaýyň näleti bolsun!».

Pygamberimiz (oňa salam bolsun!) ýene-de aýtdy: «Kyýamat güni seniň Hudaýyň üç kesiň ýüzüne seretmez:

Birinjisi, zalym soltan.

Ikinjisi, zynakeş.

Üçünjisi, haýasyz, tekepbir, ýalançy gedaý».

Pygamberimiz (oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) sahabalara aýtdy: «Şeýle bir gün gelip ýeter. Şonda şol gün gündogar we günbatar taraplardan Size

[1] Ибн Апбас – Мухаммет пыгамбериє агасы Апбасыє оглы Абдылла.

ýeňiş gapylaryny açar. Ol sebitleriň ähli ulamalary ýalynly otda ýanyp köerler. Bu otdan diňe seniň Hudaýyňdan tisginip, Onuň üçin terkidünýälik ýoluny pişe edinen we amanada hyýanat etmeýän kişiler halas bolup bilerler».

Ýene-de pygamberimiz (oňa salam bolsun!) aýtdy: «Seniň Hudaýyň bir emirine bir kowumy ynansa, ol hem bu ynama ikilik edip, olara hyýanat etse, amanat ýoluny tutmasa, şeýle hem, nesihatlara-da gulak asmasa, Seniň Hudaýyň oňa özüniň behiştini haram eder».

Pygamberimiz aýtdy: «Eger bir kişä musulmanlara hökümdarlyk etmeklik derejesi berilse, ol hem olara öz maşgalalaryna seredişi ýaly seretmese, onda öz jany dowzaha oklanan diýip düşünäýsin».

Pygamberimiz aýtdy: «Kyýamat güni iki kişi meniň şepagatymdan mahrum bolar: birinjisi, zalym soltan, ikinjisi, dinde çäkden geçip, hetdenaşmalar edýän ýoldan çykan azgyn kişi».

Pygamberimiz aýtdy: «Kyýamat gününde iň agyr azap-görgi – zalym soltanyňky we ýoldan çykan bozgagyňky bolar».

Pygamberimiz ýene-de aýtdy: «Hudaýtagala adamlaryň bäş sany toparyny islese, bu jahanda özüniň gahar-gazabyna we azabyna duçar eder, islese-de, olary öz gaharyna bu jahanda duçar eder. Bolmasa-da, olaryň barjak ýeri ýalynly dowzahdan başga hiç ýer bolmaz. Bularyň birinjisi, öz raýatynyň hakyny iýen, olara ynsaply garamadyk we zulum-sütem etmek bilen meşgullanan patyşa, ikinjisi, güýçli bilen ejize deň göz bilen seretmeýän, adalatsyzlyk bilen günäli kişiniň arkasyny tutup söz sözleýän kowum ýolbaşçysy, üçünjisi, öz aýalydyr perzendine Hudaýtagala tabyn bolmaklygy düşündirmeýän, din düzgünlerini öwretmeýän we olara iýdirýän höreginiň haram-halaldygyndan heder etmeýän kişi, dördünji, bir günlükçini hakyna tutup, ol işini tamamlanda, onuň hakyny bermän saklaýan kişi, bäşinji, aýalynyň mährine[1] zulum eden kişi».

* * *

[1] Мўхр – ійленйўн кишиниє аялыныє хут ізгне бермеги ўхт эден галыєы.

Pygamberimiz (oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) aýtdy: «Kyýamat güni hökümdarlary alyp gelerler. Seniň Hudaýyň olardan:

– Siz meniň goýunlarymyň çopanlary we ýurtlarymyň hazynadarlary bolduňyz. Ýöne näme sebäpli golastyňyzdaky raýatlar sizden şeýle bir aýylganç heder etdiler? Näme üçin siz olara meniň bellän jezamdan hem has ýokary jeza berdiňiz we şallak urduňyz? – diýip sorar.

Olar:

– Eý, Allam! Olar Size şirk ýetirdiler. Şonuň gahary bilen şeýle etdik – diýerler.

Ol:

– Näme üçin siziň gaharyňyz meniň gaharymdan hem gazaply bolmaly? – diýer.

Ýene başga birinden:

– Näme üçin käbirine meniň buýranymdan has ýeňil jeza berdiňiz? – diýip sorar.

Ol kişi:

– Eý, Allam! Men oňa dözmezlik edip, rehmet etdim – diýip aýdar.

Alla:

– Näme üçin seniň rehmetiň meniňkiden hem artygrak boldy? – diýip aýdar. Soňra Alladan:

– Artdyranam, kemeldenem tutuň. Olaryň ikisini-de dowzahyň bular üçin bina edilen künjeklerinde ýerleşdiriň – diýen perman geler.

Omar (goý, ondan Alla razy bolsun!) aýtdy:

«Waý, Zemin patyşasynyň Asman Patyşasy bilen ýüzbe-ýüz boljak gününe! Eger Zemin patyşasy adalatly bolup, hak-hukuklary hak eýesine gowşuryp, dogan-garyndaşlarynyň arkasyny tutman, Alladan başga hiç zatdan çekinmän we hiç kimden tama etmän, höküm etse, Allatagalanyň kitabyny özüne ýörelge edinip, ähli işlerde şoňa esaslanyp hereket etse, ol Asman Patyşasynyň öňünde jebirden azatdyr».

Hüzeýfe (goý, ondan Alla razy bolsun!) aýtdy:

– Men hernäçe ýagşy bolsa-da, hiç bir hökümdara hiç haçan sena aýtmaýaryn – diýdi. Ondan:

– Näme üçin? – diýip soradylar. Ol: «Pygamberimizden (oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) şeýle gürrüňi eşitdim» diýip, söze başlady: «Kyýamat güni adyldyr zalym – ähli hökümdarlary alyp gelerler. Ählisini getirip, Syrat köprüsiniň üstünde saklarlar. Şol wagt seniň Hudaýyňdan:

– Olaryň içinden hökümdarlykda jebir-sütem edeni, para alany ýa-da günäkäri etmişinden artyk jezalandyrany dowzaha eltip taşla – diýen perman geler.

Bu adamlar Syrat köprüsinden agdarylyp, dowzahyň ýetmiş ýyldan hem çykyp bolmajak çuňlugyna zyňylyp düşerler».

* * *

Dawut (oňa salam bolsun!) baradaky habarda şeýle getirilýär:

«Dawut pygamber (oňa Allanyň salamy bolsun!) wagtal-wagtal özüni tanatmajak bolup, başga sypata girip, daşary çykýardy we ýol ugrunda, bazarlarda gezim edip aýlanýardy. Ol öňünden çykan adamlardan:

– Siziň hökümdaryňyz Dawut nähili adam, zalymmy ýa adyl? Siz ondan razymy ýa-da ýok? – diýen sowallar bilen Dawudyň nähili adamdygy barada soraýardy. Bir gün Jebraýyl (oňa salam bolsun!) adam sypatyna girip, onuň ýanyna geldi. Ol Jebraýyldan Dawudyň nähili adamdygyny sorady. Jebraýyl muňa: «Eger iýjek çöregini döwlet gaznasyndan alman, öz eli bilen gazanyp iýsedi, onda Dawut gowy adam bolardy» diýip jogap gaýtardy. Bu sözlerden soň Dawut mähraba ýüzlenip, kybla bakdy. Başyny seždä goýup, zar-zar aglaýardy we «Eý, Allam! Öz çöregimi özüm işläp gazanar ýaly, maňa bir pişe öwretsene!» diýip, Hudaýa ýalbarýardy. Allatagala haýyşyny kabul edip, oňa sowut ýasamak kärini öwretdi. Şondan soň Dawut öz höregini özi gazanyp iýdi.

* * *

Hezreti Omar her gije aýlanyp görmek üçin daşary çykýardy we ýurdundaky gözüne ilen ýetmezçiliklerini düzetmek ugrunda çalyşýardy. Ol şeýle diýýärdi:

– Eger bir semiz goýny Fyratyň kenarynda goragsyz goýsalar, kyýamat güni menden ol hakda soralar diýip gorkýaryn.

Hezreti Omar ahyret howpundan heder edip, yzygiderli öz-özüne şunuň ýaly sowallar bilen ýüzlener eken.

Omaryň ogly Abdylla Omar Hattap ölenden soň, ony düýşünde görmegi we hal-ýagdaýyny soraşmagy arzuwlap, hemişe oňat dogalar eder eken. Onuň bu arzuwy on iki ýyldan soň hasyl bolýar. Abdylla ony düýşünde görýär. Ol ýuwnup, bedenine mata oranyp duran sypatynda Abdyllanyň ýanyna gelýär. Abdylla oňa:

– Eý, möminleriň emiri! Sen Allatagalany neneňsi ýagdaýda gördüň? Ol saňa nähili ýagşylyk etdi? – diýýär.

Ol:

– Eý, Abdylla, siziň ýanyňyzdan gaýdanyma näçe ýyl boldy? – diýip soraýar.

Abdylla:

– On iki ýyl – diýýär.

Omar:

– Menden şunça wagt hasap-hesip soraldy. Eger Allatagala maňa rehim-şepagat etmedik bolsa, meniň ýagdaýym agyr bolardy – diýýär.

Özüniň hökümdarlyk eden şunça döwründe eline bir gezek hem gamçy almadyk hezreti Omaryň hal-ýagdaýy şunuň ýaly bolýan bolsa, beýleki patyşalaryň, soltanlaryň, emirleriň we hökümdarlaryň ýagdaýlary neneňsi bolarka?

***Hekaýat***: Aýtmaklaryna görä, Büzürgmehr Omaryň nähili adamdygyny we onuň neneňsi gylyk-häsiýetiniň bardygyny bilmek üçin, ol ýere bir ilçi iberýär. Ilçi Medinä ýetip, ol ýeriň ýaşaýjylaryndan:

– Siziň patyşaňyz nirede? – diýip soranda, oňa:

– Biziň patyşamyz ýok-da, emirimiz bardyr. Häzir ol şäher derwezesinden daşary çykdy – diýip aýtdylar.

Büzürgmehriň ilçisi Omary gözläp, şäheriň derwezesinden daş çykanda, günüň astynda gyzgyn çägäniň içinde ýere ýazylyp, arkaýyn uklap ýatan Omary gördi. Ol dürresini kellesiniň aşagynda goýupdyr. Maňlaýyndan syrygyp akýan derden ýaňa ýeriň ýüzi öl-myžžyk bolupdyr. Bu ýagdaýy synlan ilçiniň ýüreginde elhenç gorky peýda bolup, ol öz ýanyndan şeýle diýdi: «Uklap ýatyşy şunuň ýaly bolsa, onuň haýbatyndan ähli älem patyşalary biynjalyk bolarlar».

Soňra ýene şeýle diýdi: «Eý, Omar! Sen adalatlylyk etdiň. Şonuň üçinem bagtyýar ýagdaýda uklap ýatyrsyň! Biziň patyşalarymyz jebir-sütem edýärler. Olar şol sebäpli-de hemişe özlerinden gorkup gezýärler. Men hak diniň Muhammediň (Oňa Allanyň salamy bolsun!) dinidigine güwä geçýärin. Eger men ilçi hökmünde gelmedik bolsam, edil häziriň özünde musulman bolardym. Ýöne mundan soňra özüm elinje, öz aýagym bilen gelip, musulman bolaryn».

Diýmek, patyşalygyň howpy şundan ybaratdyr. Onuň beýany gaty uzakdyr. Hökümdar hemişe alymlar bilen ýakyn gatnaşykda bolmalydyr. Alymlar bolsa ony ýaramaz işlerden saklap, dogry ýoly görkezmelidirler. Adalatlylygyň tärlerini öwretmelidirler. Ine, şeýle edilse, hökümdar hemişe salamat bolar.

## *2. Patyşalaryň alymlara ýakyn durmagy*

Patyşa hemişe dindar ulamalaryň didaryny görmäge teşne, olaryň öwüt-nesihatlaryny diňlemegiň arzuwynda bolmaly. Dünýe maly üçin hars urýan, her hili ýalynjaňlyk bilen patyşanyň şatlygyny gazanjak bolýan, onuň elindäki zadyna hiledir mekirlik bilen eýe boljak bolýan ulamalardan gaça durmalydyr.

Dindar alym – patyşadan hiç zat tamakin bolmaýan ynsaply kişidir.

Şakyk Balhy bir gün Harun Reşidiň ýanyna geldi.

Harun oňa:

– Maňa bir pendi-nesihat ber – diýdi.

Ol aýtdy:

– Seniň Hudaýyň seni Syddygyň[1] ornunda oturdandyr. Şonuň üçin senden edil onuňky ýaly dogrulygy we gönüligi talap eder. Allatagala seni Farugyň[2] ornunda oturdandyr. Şonuň üçin seniň edil Faruk ýaly bolup, hak bilen nähakyň arasyny açmaklygyňy, ýagny adyllygy islär. Allatagala seni Osmanyň ornunda oturdandyr. Şonuň üçin senden edil Osmanyňky ýaly, haýalylyk we keremlilik islär. Şeýle hem Allatagala seni Alynyň ornunda oturdandyr. Şonuň üçinem senden edil onuňky ýaly, ylymlylyk islär.

Harun:

– Pendi-nesihatyňy ýene-de dowam etdir – diýdi.

Ol aýtdy:

– Allatagalanyň dowzah diýlip atlandyrylýan bir öýi bardyr. Ol seni şol öýüň gapyçysy edip goýandyr we saňa üç sany zat: döwlet gaznasyny, gylyç we gamçy berendir. Allatagala bulary bermek bilen saňa: «Şu üç zat bilen halky dowzah odundan gora! Gaşyňa gelen mätäç bendeden bu baýlygyňy gysganma. Eger kim-de kim seniň Hudaýyňyň buýruklaryna garşy gidip, boýunegmezlik etse, oňa şu gamçyny çalmak bilen edep ber. Eger kim bir kişini nähak ýere öldürse, onuň aryny kyýamata goýman, şu gylyç bilen bu dünýede alyp ber. Bu aýdylanlary berjaý etmeseň, sen dowzahdakylaryň ýolbaşçysy bolarsyň, beýlekiler bolsa seniň yzyň bilen bararlar».

Harun:

– Pendiňi köpelt-de, ýene dowam etdir – diýdi.

Ol aýtdy:

– Sen bir çeşmesiň, beýleki emeldarlar bolsa akar suwdur. Eger gözbaş dury bolsa, akarlaryň bulançaklygynyň zyýany ýokdur. Eger gözbaş bulançak bolsa, akarlaryň durulygyndan ne peýda?

***Hekaýat:*** Harun Reşit Apbasy ýanyna alyp, Fuzaýyl Aýazyň ýanyna gitdi. Olar gapynyň agzyna ýetenlerinde, şol wagt Fuzaýyl Gurhan okaýardy. Ol Gurhandan

---

[1] Сыддык – хезрети Абу Бекриє лакамы.

[2] Фарук – хезрети Омарыє лакамы.

şu aýata ýetipdi: «Belki, ýamanlygy – günäleri kesp eden kimseler Biziň olary-da iman getiren we ýagşy amallar eden kimseler ýaly etmegimizi we durmuşlaryny hem, wepatlaryny hem (ýagny dünýälerini hem, ahyretlerini hem möminler bilen) barabar eder öýdüp oýlandylar! Olar neneňsi erbet (nädogry) netijä gelýärler?!»[1].

Harun:

– Eger pent-nesihat talap etsem, maňa şu aýatyň özi hem ýeterlikdir – diýýär. Soňra Apbasa gapyny kakmaklygy buýurýar. Apbas gapyny kakyp:

– Eý, Fuzaýyl, gapyny aç, bu möminleriň emiridir – diýýär.

Ol:

– Möminleriň emiriniň meniň bilen näme işi bar? – diýýär.

Apbas ýene:

– Möminleriň emirine boýun bol-da, gapyny aç – diýýär.

Şol wagt gijedi. Fuzaýyl gapyny açdy. Garaňkylykda Harunyň eli Fuzaýlyň eline degdi. Fuzaýyl:

– Bu ýumşajyk el Allanyň azabyndan azat bolmasa, gör, nähili, betbagtlyk! Eý, möminleriň emiri, häzirden oňat gamyňy gör. Seniň Hudaýyň kyýamat güni garamagyňdaky ähli halkyň hakyny senden talap etjekdir – diýýär.

Apbas:

– Bes et, möminleriň emirini öldürdiň – diýýär.

Soňra Harun müň dinary Fuzaýylyň öňünde goýup:

– Bu maňa ejemiň mirasyndan ýeten halal puldur – diýýär.

Fuzaýyl oňa:

– Meniň saňa aýtjak zadym, bu hereketleriňden el çek. Maňa berjek bu zatlaryňy mätäçlere ber! – diýýär.

* * *

Omar Abdyleziz Muhammet ibn Kagbulkuraza:

[1] Гурханыє 45-нїи («Дыза чікґїилер») сґресиниє 21-нїи аяты.

– Maňa adyllygyň sypatlaryny sanap ber – diýdi.

Ol aýtdy:

– Garamagyňdaky musulman kişi senden kiçi bolsa, sen oňa ata bol. Senden uly bolsa, sen oňa ogul bol. Eger ol seniň bilen deň-duş bolsa, sen oňa dogan bol. Her kese eden günäsine görä jeza ber. Zynhar, hiç bir kişä ýekeje gamçy hem urmagyn. Eger uraýsaň, seniň jaýyň dowzah bolar.

* * *

Aýtmaklaryna görä, takwalardan biri öz döwründäki bir halypanyň ýanyna barýar. Halypa oňa:

– Maňa bir pendi-nesihat ber – diýýär.

Takwa söze başlaýar:

– Men Çyna sapara gidipdim. Çyn patyşasynyň gulagy ker bolan eken. Ol zar-zar aglap: «Men eşitmekden galdym diýip aglamok, zulum edileniň biri gapyma gelip, perýat etse, onuň perýadyny eşitmerin diýip aglaýaryn. Ýöne gözümiň ýerindedigine şükür edýärin. Indi men: «Meniň gapyma sütem görüp, şikaýat bilen gelen kişi gyzyl lybas geýinsin» diýip jar çekdirerin» diýdi. Şundan soň ol her gün piliň üstüne münüp, şähere aýlanmaga çykdy. Egnine gyzyl eşik geýen adamy görse, ýanyna çagyryp, onuň arzy şikaýatyny diňledi, ýagdaýlary bilen tanyş boldy we oňa adalatlylyk etdi.

Eý, möminleriň emiri! Ol bir kapyr kişi bolsa-da, onuň Hudaýyň bendelerine edýän rehim-şepagaty ine, şunuň ýalydyr. Sen bir musulman we pygamber neslinden bolan adamsyň. Şeýle-de bolsa, sen Hudaýyň bendeleri bolan öz garamagyňdaky raýatlaryňa neneňsi rehim-şepagat edýändigiňe bir syn et!

* * *

Abu Kylaba Omar Abdyleziziň ýanyna bardy. Omar oňa:

– Maňa bir pent ber! – diýdi.

Ol aýtdy:

– Adam Atanyň döwründen tä şu güne çenli senden başga hiç bir halypa galmandyr.

Omar aýtdy:

– Sözüňi artdyr!

Ol aýtdy:

– Ölmek islän ilkinji halypa sen bolarsyň.

Omar aýtdy:

– Ýene-de artdyr.

Ol aýtdy:

– Eger Hudaý senlik bolsa, nämeden gorkýarsyň, eger senlik bolmasa, sen kime penalanarsyň?

Omar aýtdy:

– Ine, şu aýdanyň ýeterlik.

*** * ***

Süleýman ibn Abdylmälik halypady. Bir gün ol: «Bu dünýäde, gör, näçe bolelinlik, elpe-şelpelik etdim. Indi meniň ýagdaýym kyýamatda nähili bolarka?» diýip öz ýanyndan pikir etdi. Soňra zamananyň takwasy hem alymy Abu Hazymyň ýanyna bir kişini ýollap: «Näme bilen agzyny açýan bolsa, şondan maňa-da birazajyk ibersin» diýdi. Abu Hazym biraz kepegi gowrup, oňa ýollady. Süleýman muny görüp aglamaga başlady. Soňra hiç zat iýip-içmezden, üç günläp ***yzygiderli roza tutdy. Üçünji gün agşam şol kepek bilen agzyny açdy. «Ol şol gije aýaly bilen ýanaşypdyr. Şol ýanaşykdan Abdyleziz dünýä indi. Abdylezizden Omar ibn Abdyleziz dünýä indi. Ol bolsa älemiň ýeke-tägi, adyllykda Omar Hattap ýaly bolup ýetişdi» diýip aýdýarlar. Ýene-de bu barada: «Bularyň hemmesi şol tagamy iýen pursatyndaky päk niýetiniň bereketinden hasyl boldy» diýipdirler.***

* * *

Omar ibn Abdylezizden:

– Seniň toba etmegiňe näme sebäp boldy? – diýip soradylar.

Ol muňa şeýle jogap berdi:

– Men bir gün bir gulamy urup durdum. Şonda ol gulamyň: «Säher bilen kyýamat gopjak gününiň agşamyny ýadyňa sal!» diýen sözleri meniň kalbymda uly gorkudyr howsala döretdi.

* * *

Akyldarlaryň biri Harun Reşidiň Arafatda gyzgyn daşyň üstünde aýagy ýalaňaç, başy açyk durandygyny gördi. Ol elini ýokary galdyryp: «Eý, Allam! Sen-Sensiň, menem – men. Meniň kärim – hemişe ömrümiň her sagadynda günä iş etmek. Seniň işiň – hemişe ýalkaw etmek. Men biçäräňe bir rehmet et!» diýip ýalbarýardy.

* * *

Omar Abdyleziz Abu Hazyma: «Maňa pent ber» diýdi.

Abu Hazym aýtdy: «Ýerde ýat-da, ölümi başyň aşagynda goý. Ajalyň seni nähili ýagdaýda görmegini islese, sen şonuň ýaly bol. Rowa görýän zadyňy özüňe ýakyn tut. Rowa görmeýän zadyňdan özüňi daşda sakla. Ajalyň özi saňa ýakyndyr».

Diýmek, welaýat eýesi we patyşalar bu manylardan dogry netije çykarmalydyrlar we şunuň ýaly pentler boýunça hereket etmelidirler. Alymlary özlerine ýakynlaşdyrmalydyrlar. Olara nesihat berýän alymlar hem şular ýaly täsirli, netijeli hem many alarlykly pent-nesihat bermelidirler. Olaryň pent-nesihatlary adalatlylygy, hakykaty ündemelidir. Zuluma şärik bolmakdan daşda

bolup, dünýäniň birnäçe ajaýyp, geň-taň meselelerini we durmuşyň gürrüňdir wakalaryny öz içine almalydyr.

### *3. Patyşalaryň öz adalatlylygyny özgelere nusga etmegi hakda*

Patyşa zulum etmeli däldir. Şeýle-de ol özüniň gulamlarynyň we hyzmatkärleriniň zulum-sütem etmegine hem ýol bermeli däldir. Çünki, ol kyýamat güni olaryň eden zulum-sütemleri üçin hem özüniň jogap bermeli boljakdygyny oňat bilmelidir.

Möminleriň emiri Omar Hattap öz emeldary Abu Musa Eşgara şeýle mazmunly hat ýazyp ýollaýar: «Raýat eýelerinden iň bagtlysy – raýatlary bagtly bolan kişidir. Raýat eýelerinden iň betbagty – raýatlary betbagt bolan kişidir. Şonuň üçin, seresap bol, geleňsizlige we biperwaýlyga özüňi aldadaýma. Eger ýalňyşsaň, emeldarlaryň hem seniň yzyňa eýerip, bu ýoly ýörelge edinerler. Şunlukda, seniň mysalyň bir otluk meýdana girip, gerk-gäbe doýan, soňra semiz görlüp, öldürilip iýilýän düýä meňzär».

Töwratda şeýle diýilýär: «Bir emeldarynyň raýatlara eden zulumyny görse-de, görmezlige salyp, gözýumujylyk etse we onuň bu hereketlerini garawsyz goýsa, onda bu soltanyň özüniň zulum etdigi bolar. Ol zulumyň günäsi soltanyň gerdenine ýüklener».

Adyl diýip – zulum-sütemden, şöhwetden özüni daşda saklaýan we gahary özüne golaýlaşdyrmaýan adama aýdylýar. Akmak diýip – özüniň dinini we ahyretini bigaýratlyk bilen başga dünýä satan kişä aýdylýar. Zalym diýip – öz hökümdaryny dowzaha ibermek we özüniň bet niýet-pygyllaryna ýetmek üçin, zulum-sütemi hökümdarynyň gözüniň alnynda bezeg hökmünde goýan kişä aýdylýar. Eýsem, seniň heläk hem betbagt bolmagyň ugrunda elinde baryny edip, çyrpynyp hars urýan kişiden uly we howply duşman bolup bilermi?!

Bu ýaramaz häsiýetlerdir endikleriň hötdesinden diňe zulum-şöhwetden özüni gorap bilýän, gahary özünden daşda tutýan kişi gelip biler. Bularyň hemmesini bolsa diňe akylyň kömegi bilen amala aşyryp bolar.

Akyl perişdeleriň jöwheridir. Şöhwetdir gahar-gazap bolsa Iblisiň leşgerindendir. Adalat güneşini ilki öz gursagynda şöhlelendirmeli. Şonda adalat nury ilki bilen maşgalaňa, ýakyn-ýaranlaryňa, emeldarlaryňa we soňra raýatyňa ýeter. Eger kim güneşsiz, şöhle gözlese, bu onuň mümkin bolmadyk zady talap etdigidir.

Bilgin we ägä bolgun, eý, yslam soltany! Adyllyk kämil akyldan gözbaş alýandyr. Kämil akyl bolsa her bir zady asyl bolşunda görüp, her bir zadyň hakykatyna, özenine, änigine-şänigine ýetip, daşky keşbe aldanmazlykdyr. Eger onuň maksady datly tagam iýmek bolsa, onda ol adam şekilindäki haýwandyr. Açgözlük edip iýmek haýwanlara mahsusdyr. Eger onuň maksady owadan ýüpek eşik geýmek bolsa, onda ol erkek kişiniň şekilindäki aýaldyr. Çünki, bezenmek aýal işidir. Eger onuň maksady adamlara gaharyny pürküp, özüni görkezmek bolsa, onda ol adam sypatyndaky ýyrtyjy haýwandyr. Çünki, gaharlanmak ýyrtyjylaryň işidir. Eger onuň maksady adamlary özüne gulluk etdirmek bolsa, onda ol akylly kişiniň sypatyndaky akmakdyr. Akylly-başly adam öz gullugyndaky hyzmatkärleriň hojaýyny üçin hyzmat etmän, öz gara garynlarynyň ýesiridiklerine we bet şöhwetleri üçin hyzmat edýändiklerine oňat düşüner. Muňa delil hökmünde şeýle mysaly getirmek bolar:

Haçanda, hyzmatkärler hökümdarlygyň başga birine beriljekdigini eşitseler, derrew öz hökümdarlaryndan ýüz öwrüp, indiki hökümdarlyk beriljek adamyň ýanyna okdurylyp barmany hiç zatça görmezler. Olar nirede özleri üçin nep bardygyny bilseler, derrew şol ýeriň hyzmatyny saýlap alarlar. Hakykatda olar diňe öz-özleriniň hyzmatyny ederler. Her bir işiň suratyny däl-de, hakykatyny we ruhuny bilýän adam – akylly adamdyr. Kim muňa şeýle düşünmese, ol akyl eýesi däldir. Akyly bolmadykda – adyllyk ýokdur. Adyl bolmadygyň bolsa jaýy dowzahdyr. Şu sebäpli ähli bagtyýarlyklaryň özeni akyldyr.

### *4. Patyşalaryň gahar-gazapdan daş durmagy hakda*

Men-menlik, tekepbirlik edýän soltana üstünlik, ýeňiş hem şowlulyk nesip edýän däldir. Tekepbirlikden gahar üstün çykýandyr we ol üstün çykandan soňra hökümdary soňy ölüm bilen gutarýan ar alyşa çagyrýandyr. Haçanda, tekepbirlik asgyn gelip, ýeňlişe ýan berende, geçirimlilik tarapa ýykgyn etmelidir (ýönelmelidir). Çünki, bu häsiýeti özüne pişe edinen pygamberlere, welilere we sahabalara meňzär. Gahar-gazaby özüne pişe edinen ýyrtyjy şire meňzär. Ondan haýwanlaryň ysy geler.

***Hekaýat***: Aýtmaklaryna görä, Abu Japar özüniň bir hyzmatkäriniň üstüne gazap bilen gygyrýar. Şol wagt Mübärek ibn Fazala häzir bolýar. Ol:

– Eý, möminleriň emiri, ilki menden Allanyň resulynyň aýdan bir sözüni eşit – diýýär.

Abu Japar:

– Aýt – diýýär.

Ol:

– Hasan Basrynyň rowaýat etmegine görä, Allanyň resuly (s.a.w.) şeýle diýipdir: «Kyýamat güni hemmeleri giň sähra üýşüren wagtlary, jarçy jar çekip: «Kim Allanyň razylygy üçin, bir kişiniň günäsini bagyşlap, geçirimlilik eden bolsa, ýerinden tursun» diýer. Şonda diňe günä geçenler ýerlerinden turarlar» – diýýär.

Abu Japar:

– Ondan eliňizi çekiň, men onuň günäsini geçdim – diýýär.

Patyşalary gahar-gazaba öjükdirýän zat olaryň garşysyna gitmeklik we olara dil uzatmaklyk ýaly zatlardyr. Şeýle ýagdaýda olar Isa pygamberiň Ýahýa ibn Zekerýa pygambere aýdan sözüni ýada salmalydyrlar. Ol şeýle diýipdir: «Eger kim saňa dogry söz aýtsa, şükür et! Eger ýalan söz aýtsa, has köp şükür et! Çünki, seniň

amallar diwanyňda hiç bir kynçylyksyz sogap amaly ýazylar, ýagny ol kişiniň ybadatynyň sogabyny seniň sogap diwanyňa geçirerler».

Bir gezek pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň ýanynda bir adamy güýçlülikde magtap, arşa çykarypdyrlar . Pygamberimiz:

– Ol nähili güýçli? – diýip sorapdyr.

Olar:

– Ol göreşde tutluşyp, güýç synanyşan adamlarynyň ählisini agdarýar, hiç birini aman sypdyrmaýar – diýipdirler.

Resulalla olara:

– Güýçli – göreşde adam ýykýan däl-de, gaharynyň öňünde gylyjyny keserdip goýup bilýän adamdyr – diýipdir.

* * *

Pygamberimiz (oňa Allanyň salamy bolsun!) aýtdy: «Üç sany zadyň hötdesinden gelmegi başaran kişiniň imany kämil bolar: gahary gelende, ony ýuwdup bilýän, şatlanan pursatynda, ynsabyny ýitirmeýän, güýç-kuwwata, hökümdarlyga eýe bolanda, öz hakyndan artyk almaýan kişi».

* * *

Omar Hattap (goý, ondan Alla razy bolsun!) aýtdy: «Bir-ä kynçylykda, birem üleşikde synap görmedik bolsaň, hiç kişiniň häsiýetiniň gowulygyna we ynsaplylygyna kepil geçme!

* * *

Aly ibn Hüseýin Zeýnelabydyn (ondan Alla razy bolsun!) bir gün metjide bardy. Şonda bir kişi oňa ýaramaz sözler aýdyp sögündi. Alynyň gulamlary ol kişini urmaga başladylar. Şol wagt Aly olara:

– Ondan eliňizi çekiň! – diýdi.

Soňra ol kişä garap:

– Seniň men barada bilýän zadyňdan bilmeýän zadyň köpdür. Meniň bitirip biljek zadymdan heý bir dilegiň barmy? Eger bar bolsa, aýt, ony ýerine ýetireýin – diýdi.

Ol kişiniň utançdan ýaňa ýüzi gyzaryp gitdi. Aly öz egnindäki eşigini çykaryp, oňa berdi. Soňra ýene müň dirhem çykaryp berdi. Ol kişi muny görüp aglamaga başlady hem-de:

– Megerem, bu sahawatly kişi – pygamberiň perzendinden başga hiç kim bolup bilmese gerek – diýdi.

* * *

Zeýnelabydyndan şeýle rowaýat edýärler: Ol bir gün gulamyny çagyryp, iki gezek gygyrýar, emma ol muňa jogap bermeýär. Onsoň Zeýnelabydyn onuň ýanyna baryp, oňa:

– Näme meniň sesimi eşitmediňmi? – diýýär.

Gulamy:

– Eşitdim – diýýär.

Zeýnelabydyn:

– Onda näme üçin jogap bermediň? – diýip soraýar.

Gulamy:

– Seniň ýagşy häsiýetiňiň meni ynjytmajakdygyndan arkaýyndym we meniň üstüme gaharyňy pürkmejekdigiňi bilýärdim – diýip jogap gaýtarýar.

Bu jogaby eşiden Zeýnelabydyn:

– Hudaýa şükür, meniň gulamym menden arkaýyn eken – diýýär.

* * *

Zeýnelabydynyň bir gulamy bar eken. Gulam bir gün bir hata bilen onuň goýnunyň aýagyny döwýär. Zeýnelabydyn ondan:

– Näme üçin beýle etdiň? – diýip soraýar.

Gulamy oňa:

– Seniň gaharyňy getirmek üçin, bilgeşleýin etdim – diýip jogap berýär.

Bu jogaby eşiden Zeýnelabydyn:

– Meniň häzir saňa däl-de, saňa bu zatlary öwreden kişä, ýagny Iblise gaharym gelýär – diýýär. Soňra ol «Taňra sygynan güýç-kuwwat tapar» diýýär-de, gulamy azat edýär.

* * *

Bir adam Zeýnelabydyna kemsidiji sözler aýtdy. Zeýnelabydyn oňa şeýle diýdi:

– Eý, juwan adam! Men bilen dowzahyň arasynda bir daşly ýol bardyr. Eger men ondan geçip bilsem, seniň bu sözleriňden gorkup duramok. Eger ondan geçip bilmesem, onda bu meniň seniň aýdan sözleriňden hem ýaramaz boldugymdyr.

* * *

Pygamberimiz (oňa Allanyň salamy we salawaty bolsun!) aýtdy: «Meniň ymmatymdan bolan şeýle bir kişiler bardyr, olar özleriniň ýumşak we geçirimli häsiýetleri bilen gündiz orazaly, gije namazly bolan kişiniň derejesine eýe bolarlar. Ýene bir kişi bardyr: ol kişi öz öýünden başga hiç ýere hökümdarlyk etmese-de, onuň ady zalymlar depderine ýazylar».

Ýene-de pygamberimiz Muhammet: «Dowzahda bir gapy bolup, ol gapydan diňe gaharyny şerigatyň makullamadyk işlerine pürken adam girer» diýýär.

* * *

Iblis hakdaky rowaýatda şeýle diýilýär: «Bir gün Iblis Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelip, oňa şeýle diýdi:

– Maňa öz Hudaýyňdan bir hajatymy diläp berseň, saňa üç sany zady öwredeýin.

Musa sorady:

– Ol üç zat haýsylar bolup biler?

Iblis aýtdy:

– Birinji, gyzmalykdan heder et. Gyzmalyk – bu bisabyrlykdyr. Men ony edil çagalaryň top oýnaýşy kimin oýnaýaryn. Ikinji, aýallardan heder et. Men adamlary azdyrmak üçin, aýallar ýaly başga hiç hili ynamdar duzak guran däldirin. Üçünji, bahyllykdan heder et. Kim bahyl bolsa, men onuň dinini we dünýäsini harap ederin.

* * *

Pygamberimiz (oňa Allanyň salamy bolsun!) aýtdy: «Kim gaharyny ýuwdup, gazabyny kowup bilse, seniň Hudaýyň onuň kalbyny asudalykdan hem rahatlykdan püre-pür eder. Eger kim sabyr, çydamlylyk donuny geýen bolsa, seniň Hudaýyň ony keramat lybasy bilen bezär».

Ýene-de pygamberimiz aýtdy: «Waý, gaharlanan çagy, seniň Hudaýyňy ýatdan çykaran kişileriň halyna!».

* * *

Bir kişi pygamberimize (oňa Allanyň salamy bolsun!) aýtdy:

– Şonuň bilen behişte barar ýaly, maňa bir hünär öwret!

Pygamberimiz aýtdy:

– Hiç haçan gahara ýol berme, şonda seniň jaýyň behiştde bolar we ikindi namazyndan soň, ýetmiş gezek «Alla, günämi geçewer» diýip, ýalkaw dile. Şonda seniň ýetmiş ýyllyk günäň geçiler.

Ol aýtdy:

– Meniň ýetmiş ýyllyk günäm ýok.

Pygamberimiz aýtdy:

– Onda kakaň günäsiniň geçilmegini dile! Şonda onuň günäsi geçiler.

* * *

Abdylla Mesgut şeýle rowaýat edýär:

«Bir gün pygamberimiz (oňa Allanyň salamy bolsun!) ýaranlarynyň arasynda olja paýlaýardy. Şonda bir kişi: «Bu paýlaşyk ne Hudaý üçindir, ne-de bu paýlaşykda adalat bardyr» diýdi. Men onuň bu sözlerini pygamberimize ýetirdim. Pygamberimiziň muňa gaty gahary geldi we ýüzi gyzaryp gitdi. Soňra ol: «Hudaýtagala doganym Musa rehmet edewersin, ony mundan artyk ynjytmawersin» diýen sözlerden başga hiç zat aýtmady we sabyr etdi».

Habarlardan we hekaýatlardan getirilen şu gürrüňleriň özi hem hökümdara many alarlyk hem ýeterlik nesihat bolup biler. Iman esasy aslynda bar bolsa, şu aýdylanlaryň özem täsir alarlykdyr. Eger täsir etmese, bu onuň ýüreginiň imandan boşlugynyň we ondan diňe bir at nyşan galandygynyň alamatydyr.

Bir emeldar zerurlyk bolmazdan, her ýylda musulmanlardan ep-esli mal-baýlyk toplap, olary saklamak üçin, başga biriniň garamagyna berse, kyýamat güni bu zatlar emeldardan talap ediler. Ol baýlyklaryň rençdir azaby we musulmanlaryň gargyşlary emeldara siňer. Bu bolsa aňrybaşy gaflatlykdyr we musulmançylyga sygmaýan zatdyr.

## *5. Patyşalaryň özüne rowa görmedik zady raýatlaryna hem rowa görmezligi hakda*

Hökümdar: «Ody özüňe bas, ötmese – kesekä» diýlen nakyly ýörelge edinmelidir. Ol şonda raýat hökmünde özüne rowa görmedik zadyny hiç bir musulmana hem rowa görmez. Eger özüne unamadyk zadyny özge musulmanlara unaýsa, bu onuň hökümdarlyga hyýanat hem ikilik etdigi bolar.

***

Bedr güni pygamberimiz saýada otyrdy. Şol wagt Jebraýyl gelip:

– Sen saýada, sahabalaryň bolsa günüň astynda otyrlar. Bu näme üçin beýle bolýar? – diýip käýindi.

Şonda pygamberimiz saýadan aýrylyp, şeýle diýdi:

– Kim dowzahdan halas bolup, behişte düşmek islese, ölüm halatynda: «Lä-ilähä illallah» kelemesini ýatlamalydyr, özüne unamadyk zadyny özgelere-de unamaly däldir.

Pygamberimiz ýene-de aýtdy:

– Säher bilen oýananda, kalbynda Allatagaladan başga pikiri bolan kişi Allanyň halan adamsy däldir. Musulmanlaryň işinden we olara ýardam bermekden daşda bolan adam musulmanlardan däldir.

## *6. Halkyň hajatlaryny bitirmek hakda*

Hökümdar öz dergähiniň öňündäki hajat eýelerini, arzy-hal aýtmaga gelenleri ejiz saýmaly däldir. Olaryň hajatlaryny bitirmezlikden geljek bu howpdan heder etmelidir. Çünki, musulmanlarda ýekeje hajat hem bar bolsa, patyşa üçin hiç bir nepil ybadatyň[1] zerurlygy ýokdur. Hajaty bitirmek – ähli nepillerden haýyrlydyr.

[1] Непил ыбадаты – парз болмадык, мейлетин ерине етирилйўн ыбадат.

Bir gün Omar Abdyleziz tä öýle namazyna çenli halkyň hajatyny bitirmek işi bilen gümra boldy. Soňra ýadap, bir sagat dynç almak üçin öýüne girdi. Şol wagt ogly oňa garap:

– Sen ne beýle arkaýyn! «Duýdansyz ajal ýakamdan tutup, dergähimiň agzynda duran kişiniň hajatyny bitirip ýetişmän, kyýamat güni onuň öňünde günäkär bolaýmaýyn» diýip gorkaňokmy? – diýdi.

Omar:

– Sen dogry aýdýaň – diýip, ör turdy we derrew yzyna çykyp, hajat eýeleriniň hajatlaryny bitirmek, ezilenlere hossarlyk etmek ýaly işler bilen meşgullanyp başlady.

## *7. Ähli zatda kanagatlylyk hakda*

Hökümdar hiç haçan şöhwet bilen meşgul bolmagy endik edinmeli däldir. Ol ýagşy, göze gelüwli eşikleri geýer, ýakymly tagamlary iýer. Ähli zatlarda kanagatly bolar. Kanagatsyz bolup, adyllyk etmek mümkin däldir.

Omar Hattap (goý, ondan Alla razy bolsun!) bir musulman kişiden:

– Heý, meniň halanmaýan hereketim hakda bir zat eşitmediňmi? – diýip sorady.

Ol:

– Hawa, eşitdim. Saçagyňda hurşluk üçin, iki sany çörek goýýan ekeniň. Iki sany köýnegiň bolup, olaryň biri her gündizki, beýlekisi her gijeki geýýän köýnegiň ekeniň – diýip jogap berdi.

Omar:

– Mundan başga-da barmy? – diýdi.

Ol:

– Ýok – diýdi.

Omar:

– Eý, Allam! Bu ikisi-de bolmadyk bolsady! – diýdi.

## *8. Her bir işde mylaýym bolmak hakda*

Ähli işlerde mylaýym hem ýumşak bolmaly, mylaýymlyk bilen berjaý etmeli. Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Eger kim öz raýaty bilen ýumşak hem mylaýym gatnaşyk etmese, kyýamatda onuň özüne hem mylaýymlyk etmezler. Kim özüniň raýatyna gyňyrlyk bilen garasa, seniň Hudaýyň hem oňa gyňyrlyk bilen sereder».

Pygamberimiz doga edip, ýene-de şeýle diýdi: «Eý, Alla! Raýaty bilen mylakatly gatnaşyk eden häkime Sen hem mylakatlylyk et! Gödeklik edene Sen hem gazaplylyk et!».

Ol ýene-de aýtdy: «Häkimlik – häkimligiň borjuny ýerine ýetirýän kişi üçin gowy zatdyr. Häkimlik – häkimligiň borjuny ödemeýän kişi üçin erbet zatdyr».

* * *

Halypalardan bolan Heşam ibn Abdylmälik alymlardan bolan Abu Hazymdan sorady:

– Halypalyk işinde günäden halas bolmagyň çäresi nämedir?

Ol aýtdy:

– Alýan her bir dirhemiňi halal ýerden al. Berýän dirhemiňi hakly ýere ber.

Heşam ibn Abdylmälik sorady:

– Muny kim edip biler?

Abu Hazym aýtdy:

– Dowzahy ýigrenýän we behişte umydy bolan adam edip biler.

## *9. Raýatlaryň razylygyny gazanmak hakda*

Hökümdar şerigata laýyklykda, ähli raýatlaryň razylygyny gazanmak üçin, tagalla baryny etmelidir. Pygamber alaýhyssalam sahabalara ýüzlenip, şeýle diýdi: «Sizi gowy görýänleri siz hem gowy görseňiz, bu meniň ymmatymyň iň

gowusydyr. Sizi duşman saýany siz hem duşman saýsaňyz, size nälet okaýana siz hem nälet okasaňyz, bu meniň ymmatymyň iň ýaramazydyr».

Hökümdar öz gaşyna gelip, özüne hamdy-sena aýdýan kişini görende, ähli raýatlar özünden razydyr öýdüp, men-menlik etmeli däldir. Çünki, olaryň hemmesi gorkudan bolýan zatlardyr. Hökümdar ýagşy aňtamak we halkdan özüniň hem ýurdunyň ahwallary barada soramak üçin, ynamdar adamlaryny halkyň içine goýbermelidir. Şeýle etse, öz kemçiligini we bärden gaýtmalaryny halkyň agzyndan eşidip biler. Şu düzgüni ýörelge edinmese, özüni dowzah oduna oklar.

### *10. Allatagalanyň närazylygyna galmazlyk hakda*

Hökümdar şerigata ters gelýän zatlarda hiç kimiň razylygyny gazanjak bolmaly däldir.

Möminleri emiri Omar Hattap (goý, ondan Alla razy bolsun!) şeýle aýdýar: «Her gün ir bilen turanymda, halkyň bir bölegi menden närazy bolýarlar, ýene bir bölegi bolsa razy bolýarlar». Halkyň razylygyny gazanjak bolup, Allatagalanyň närazylygyna galan – barypýatan akmak kişidir».

*** * ***

Mugawyýe Äşä (ondan Alla razy bolsun!): «Maňa bir gysgajyk pendi-nesihat bersene!» diýip, hat ýazypdyr. Äşe oňa pygamber alaýhyssalamdan eşiden zadyny beýan edip, şeýle ýazypdyr: «Kim Haktagalanyň razylygyny halky hoş etmekden gözlese, seniň Hudaýyň ol adamdan razy bolar. Şeýle-de, Alla halky hem şol adamdan razy eder. Eger kim halkyň hoşlugyny Hudaýyň halamajak işlerinden gözlese, Haktagala ondan närazy bolar. Halky hem ol adamdan bizar we närazy eder».

## IMAN DARAGTYNYŇ SUWLANÝaN SAKASY BOLAN IKI ÇEŞME

Iman daragtynyň kökleri we şahalary mälim bolandan soň, ol agajyň ondan suw içýän iki sany ylym-bilim çeşmesini öwrenmek zerurdyr.

***Birinji çeşme – dünýäni tanamak, ýagny dünýä näme we adamzadyň dünýä näme üçin iberilendigine akyl ýetirmekdir.***

Bilgin, eý, yslam soltany! Dünýä karargäh däl-de, bir menzilgähdir, düşelgedir, gonalgadyr. Ömrüňden geçip barýan her bir ýylyň edil syýahatçynyň bir günde geçýän menzili kimindir. Her bir güni syýahatçynyň geçýän bir parsahlyk ýoly, her bir demi onuň bir ädimi ýalydyr.

Seniň alýan her bir demiň seni ahyrete barha golaýlaşdyrýandyr. Bu dünýä bir köpri mysalyndadyr. Kim köpriniň üstündekä saraý gurmak, ymarat galdyrmak bilen meşgul bolsa we şonuň bilen ömrüni geçirip, bu dünýäniň menzilgähdigini unutsa, ol adam biakyldyr.

Akylly adam şeýle bolar: ol dünýä menzilgähinde ahyret azygynyň aladasyndan başga hiç zat bilen meşgul bolmaz. Dünýä nygmatlaryndan diňe özüne ýeterlik mukdaryny alyp, şonuň bilen kanagat eder. Dürli nygmatlardan gereginden artyk toplanan zatlar seniň başyňdan hasrat tohumy bolup iner we ölüm howply zäher bolar. Ölüm pillesi jan tabşyrmak saňa gaty kyn düşer. «Halala hasap bar, harama – azap». Bu dana sözüň birinji böleginde mal-baýlygyň halal ýol bilen ýygnalan wagtyndaky ýagdaý beýan edilýär, ikinji böleginde bolsa mal-baýlygyň haramlyk bilen toplananda, ol kişiniň öz ahyretiniň azabyny bu hasratdan hem beter agyrlaşdyrjakdygy aýdylýar.

Dünýäniň birnäçe günlük mähnetine sabyr edip, muşakgatlaryna döz gelseň, ebedi patyşalyk taparsyň. Bu diňe akylly hem özüne erk edip bilýän adamlara başardýandyr.

* * *

Bilgin, eý, yslam soltany! Dünýäniň hezilligi birnäçe günlükdir. Ol hem gaýgy-hasrat, jebir-jepa bilen garylandyr. Şol birnäçe günlük sabyrdan baky rahatlyk we ebedi patyşalyk hasyl bolýandyr. Hemişelik rahatlyk üçin, birnäçe günlük sabyr – akylly, parasatly kişi üçin aňsat bolar.

Bir magşugy bolan aşyk kişä şeýle diýip ýüzlenýärler: «Eger şu gije magşugyň ýanyna gelseň, ony soňra gaýdyp hiç haçan görmersiň. Eger şu agşam sabyr etseň, hiç bir ünjüsiz-gaýgysyz, howpsuz-hatarsyz ony saňa müň gijelik tabşyrýarys». Eger onuň aşyklygy şeýle güýçli bolsa, bir gijelik sabyr onuň geljekki müň gijesi üçin aňsat bolar.

Dünýäniň müddeti ahyretiň müňden bir müddetiçe-de ýokdur. Asla onuň bilen deňeşdirerligi hem ýokdur. Ol – ahyret bir çäksizlikdir. Onuň dowamlylygy aňa-da sygmaýar. Dünýäniň ahwalaty, gurluşy hakda bir aýratyn kitap ýazdyk, ýöne häzir dünýäniň ahwalatyny on sany mysal arkaly beýan etmek bilen çäklenýäris. Indi bolsa olary aýtmaga başlaýarys.

### *Birinji mysal*

Pygamberimiz (oňa Allanyň salawaty bolsun!) aýtdy: «Dünýäden heder ediň, ol Harut we Marutdan hem jadygöýräkdir. Onuň ilkinji jadygöýlügi şeýledir: ol özüni saňa görkezer. Sen ol ymykly oturymlydyr we özüň bilen bile bir ýerde bolar öýdersiň. Çünki, oňa seretseň, ol oturymly bolup görner, emma göçüp-gonup ýörendir. Hemişe senden gaçýandyr, ýöne ýuwaşlyk bilen assa-assa, nepes-nepes hereket edýändir. Dünýäniň mysaly bir kölege kimindir, seretseň welin, oturymly

ýaly bolup görünýär, özi bolsa şol hereket edip gidip barýandyr. Adam ömri hem edil şonuň ýaly dowam edip barýandyr we ýuwaş-ýuwaşdan her pursatda azalyp, kemelip barýandyr. Dünýä ýaly ol hem senden gaçýandyr, saňa «hoş gal» diýýändir, sen bolsa ondan gapyl hem bihabarsyň.

### *Ikinji mysal*

Dünýäniň indiki jadygöýlügi şeýledir: seni bendi etmek üçin, özüni saňa dost hökmünde görkezer. Seniň bilen oňuşjakdygyny we başga hiç kimiň ýanyna gitmejekdigini saňa ynandyrar. Haçanda, sen bir ýerde jaýlaşykly oturanyňda, ol duýdansyz seniň ýanyňdan turar-da gider. Soňra birdenem seniň duşmanyňa öwrüler oturyberer. Dünýäniň mysaly edil erkekleri aşyk etmek üçin özüne çekýän, soňra öýüne äkidip, heläk edýän ahlaksyz, bozuk we jenaýatkär bir aýala meňzeýändir.

Isa alaýhyssalam dünýäni bir garry aýalyň sypatynda görüpdir. Ol aýaldan:

– Näçe adamyň bardy? – diýip sorapdyr.

Aýal:

– Köplüginden ýaňa sanap soňuna çykyp bolmaýar – diýipdir.

Isa:

– Olar öldülermi ýa-da saňa talak berdilermi? – diýipdir.

Aýal:

– Ýok. Olaryň ählisini men öldürdim – diýipdir.

Bu jogaby eşiden Isa:

– Men bu akmaklara geň galýan. Beýlekiler bilen näme edendigiňi görseler-de, seniň nähili adamdygyňy bilseler-de, ýene-de saňa meýil edýärlermi, mundan sapak almaýarlarmy? – diýdi.

### *Üçünji mysal*

Dünýäniň indiki jadygöýlügi şundan ybaratdyr: onuň owadan daşky keşbi bardyr. Ol ähli gam-gussalaryny, bela-beterlerini örter-de, bassyr-bussur eder, tapan-tupan bezeg serişdeleri bilen özüne aňrybaşy zynat berer. Soňra özüni ýakyn-u alysdaky adamlara göz eder. Ol nadan adamlar onuň daşky keşbine seredip, topalaň turuzarlar we tora düşerler, garaklaryny gapdyrarlar. Dünýäniň mysalyny şunuň ýaly aýalyň sypatynda görmek bolar: bir betgelşik garry aýal ýüzüni örtüp, owadan eşikleri geýip, özüniň daşky keşbine aşa owadanlyk, gözellik berýär. Daşyndan gören adamlar onuň üstünde topalaň turuzýarlar, haçanda, çadyryny sypyranlarynda, onuň masgaraçylyklaryny görüp, puşman edýärler.

Habarda şeýle berilýär: Dünýäni gök, pişik gözli, dişleri daşyna sommalyp, aňňaryp çykyp duran bir betgelşik garry aýalyň sypatynda kyýamatyň gapysyndan getirýärler. Adamlar muny görüp:

– Mundan Alla saklasyn! Beýle ryswaçylyk we betnyşanlyk nämedir?! – diýişýärler. Şonda olara:

– Bu siziň üstünde gabanjaňlyk edip, biri-biriňiz bilen duşmançylyk, gyrlyşyk eden ol dünýäňiz. Siz bu sebäpli nähak ganlary dökdüňiz, biri-biriňiz bilen garyndaşlyk aragatnaşygyňyzy kesdiňiz. Şeýdibem, oňa özüňizi aldatdyňyz – diýýärler. Şol wagt dünýäni dowzahyň içine alyp gelýärler. Ol şonda:

– Eý, Hudaý! Hany meniň dostlarym?! diýip gygyrar. Şondan soň dünýäniň dostlaryny hem dowzahyň içine alyp gelerler – diýýär.

### *Dördünji mysal*

Bu dünýäniň mysalyny başlangyjy – sallançak, ahyry – gabyr bolan syýahatçynyň geçýän ýoly diýip düşünmelidir. Bu ikisiniň aralygy bolsa birnäçe çäklije menzildir. Bu barada şeýle diýilýär: Syýahatçynyň her ýyly bir menzil, her aýy bir parsah, her güni bir mil, her nepesi bir ädim ýalydyr. Ol yzygiderli dowam edip barýandyr. Kimsäniň bu ýoldan bir parsagy galandyr, kimsäniňki mundanam

azrakdyr, ýene biriniňki bolsa mundan köpräkdir, emma ol mundan bihabar, göýä, bu ýerde hemişelik galjak ýaly, hiç zatdan habarsyz arkaýyn gaýşaryp oturandyr.

### *Bäşinji mysal*

Bilgin, bu dünýädäkileriň mysalasy şunuň ýalydyr: olar bu dünýäniň lezzetini alansoňlar, dünýäniň gaýgy-gussasyny, ryswaçylygyny ahyretde görerler. Kim süýji, ýagly, lezzetli tagamlary köp iýse, onuň aşgazany zaýa bolar. Şol wagt öz aşgazanyndan erbet, ýakymsyz ys çykaryp, içini boşadar hem-de bu zatlary görüp, erbet utanar, lezzet geçdi, masgaraçylyk galdy diýip, ol bu zatlara aşgazany zaýa bolandan soň puşman eder. Ýöne mundan soňky puşmanyň ne peýdasy bar? Tagam näçe ýakymly boldugyça, onuň löderesi şonça-da ýakymsyzdyr, aňkap durandyr. Şonuň ýaly-da, dünýä bilen ülpet bolmagyň lezzeti näçe hezil bolsa-da, onuň ahyry gaty howpludyr. Bu howp jan tabşyrmaly wagtyň aýan bolýandyr. Köp mal-baýlygy, bagy-bossanlygy, kenizleri, gulamlary, altyn-kümüşleri bar bolan kişiniň jan beren pursatynda, bu zatlardan aýrylýandygyna gynanyp çekýän jebir-jepasy bu zatlary az bolan adamyňkydan has agyr bolýandyr. Ol jebir-jepa, azap-görgi, ölmek bilen ýok bolup gidýän däldir, gaýtam, has köpelýändir. Çünki, şol baýlyklary gowy görmek – kalbyň, ruhuň häsiýeti. Kalp, ruh bolsa hemişe öz ýerinde bolýandyr, hiç haçan ölýän däldir.

### *Altynjy mysal*

Bilgin, eý, yslam soltany! Dünýäniň işleri örän gysgajyk bolup görünýändir. Adamlar özleriniň bu dünýedäki wezipeleri uzaga çeker diýip pikir ederler, emma dünýäniň bir işinden ýüz işiň emele gelýän pursatlary hem bolýar. Ine, şeýlelikde, adamyň tutuş ömri şoňa sarp bolýandyr. Hezreti Isa pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Dünýä üçin hars urýanyň mysaly deňiz suwundan hernäçe içse-de, ganman, tä

heläk bolýança içýän, ýöne şonda-da teşneligi aýrylmaýan, suwsuzlygy ganmaýan teşnä meňzeýär».

Pygamber aýtdy: «Deňiz suwuna girip, öl bolmazlyk hiç kime mümkin däldir, dünýä işine çörňeşip, hapalanmazlyk hiç kime başardýan däldir».

## *Ýedinji mysal*

Bu dünýäniň gapysyndan gelen kişiniň mysaly hemişe işi myhmanlar üçin niýetlenen owadan otagynda myhman kabul etmek bolan öý eýesiniň ýanyna myhman bolup gelen adama meňzeýär. Ol öý eýesi myhmanlary topar-topar edip, öz öýüne çagyrýar. Soňra altyndan we göwherden doly tylla tabagy we içinde hoşboý ysly ud hem bohur[1] bolan kümüş mejmeri[2] olaryň öňünde goýýar. Bu topardaky adamlar tabagy we mejmeri indiki geljek topar üçin, öz ýerinde goýýarlar. Diýmek, öý eýesiniň däbini bilýän we akyly ýerinde bolan adamlar udy we bohury oduň üstünde goýýarlar, hoşboý ysdan lezzet alýarlar. Tabak bilen mejmeri hoşallyk bilen ýerinde goýýarlar we öý eýesine minnetdarlyk bildirip, turup gidýärler.

Akmak we nadan kişi bolsa bu tabak bilen mejmeri gaýdanda ýany bilen alyp gaýtmak üçin, özüne berlendir öýder we gaýdan wagty, bu gaplary alyp galjak bolsalar, ol gynançdan ýaňa, dady-perýat edip bagyrar. Bu dünýä ötegçiler üçin bir ýoldur. Olar bu ýolda ahyret azyklaryny gazanmalydyrlar, ýöne bu ýerdäki baýlyklara göz gyzdyrmaly däldirler.

## *Sekizinji mysal*

Bu dünýä adamlarynyň mysaly, ýagny olaryň dünýä işlerine başagaý bolup, ahyretlerini ýatdan çykaryşlary, gämide sapara giden bir kowumyň mysalyny ýatladýar. Gämide barýan bu kowum Jezirä ýetenlerinde, aýak ýoly we täret

---

[1] Уд ве бохур – дґрли хошбой ыслы тґтедилйўн іcґмликлер.
[2] Меїмер – ыслы чіплер салнып якылян энїам.

kylmak üçin, gämiden düşýärler. Gämiçi olara ýüzlenip: «Hiç kim täretden we namazdan başga zat bilen güýmenip, köp eglenmesin. Gämi tiz ugrajakdyr» diýip jar çekýär.

Soňra olar Jezirede çar ýana pytraýarlar. Akylly topar ýeňil täret alyp, derrew yzlaryna dolanyp gelýärler. Gelseler, gämi boş. Olar oňat we göwnejaý ýerden orun alýarlar.

Beýleki topar Jeziräniň geň-ajaýyp ýerinde galyp, oňa täzeden syn etmäge durýarlar. Ol ýerdäki owadan gülleri, hoş owazly guşlary, dürli reňkli we nagyşlanan ownuk daşlary synlap, ep-esli wagt aňk bolup durýarlar. Olar dolanyp gelenlerinde, gämide giň ýer tapman, darajyk we garaňky ýerde oturýarlar we eden hereketleriniň ejirini çekmeli bolýarlar.

Üçünji topar ol ýerdäki geň-enaýy zatlary synlamak bilen kanagat etmeýärler. Olar şol ownuk daşlary çöpläp, öz ýanlary bilen alyp gelýärler. Gelseler, gämide arkaýyn oturar ýaly ýer tapman, bir darajyk ýerde gyslyşyp oturýarlar, ýüklerini bolsa gerdenlerinde goýýarlar.

Iki günden soň, bu ownuk daşlaryň reňki üýtgäp, garalyp ugraýar we ondan erbet ys aňkap başlaýar. Olar daşlara ýer tapman, zyňmaly bolýarlar we muňa köp puşman edýärler. Çünki, olar biderek ýüküň agramyny we ejirini gerdenlerinde çekmeli bolýarlar.

Beýleki bir topar Jeziräniň täsinliklerine geň hem haýran galyp, gämiden uzaklaşýarlar we gämi ugraýança şolara tomaşa edýärler. Gämiçiniň jar çekmesini hem eşitmeýärler. Şeýlelikde, Jezirede galýarlar. Olaryň birnäçesi açlykdan, ýene birnäçesi ýyrtyjy hem ýabany haýwanlaryň ellerinden heläk bolýarlar.

Ine, şu görşümiz ýaly, birinji topar dünýäden heder edýän möminleriň mysalydyr. Olar ýaşamak üçin zerur bolan ujypsyzja zatlar bilen kanagat edýärler. Ahyrky topar Hudaýy we ahyreti ýatdan çykarýan kapyrlaryň mysalydyr. Olaryň hemmesi bu dünýäniň aldaw toruna düşdüler. «Bu dünýäni ahyretden hem gowy görüp, oňa

bil baglanlar ....»[1] Ortaky iki topar günäkärleriň mysalynda bolup, olar iman aslyny saklasalar-da, dünýäden el çekmediklerdir.

Bir topar adamlar derwüşlikden, terkidünýälikden lezzet alýarlar, ýene bir toparlary dürli nygmatlary toplamakdan lezzet alýarlar. Ine, şeýdibem, öz ýüklerini agraldýarlar.

## *Dokuzynjy mysal*

Abu Hüreýre şeýle rowaýat aýdýar:

«Bir gün pygamber (oňa Allanyň salamy bolsun!) maňa şeýle diýdi:

– Eý, Abu Hüreýre, eger isleseň, dünýäni we dünýädäki bar bolan zatlary saňa görkezeýin.

Men:

– Görkez, eý, Allanyň ilçisi! – diýdim.

Soňra ol elimden tutup, meni bir üýşmek bolup ýatan dersiň ýanyna alyp gitdi. Ol ýerde adamlaryň üýşmek bolup ýatan zyňylan kelleleri bar eken. Ol kellelerden diňe çüýrän süňkler galypdyr. Köne ýyrtyk-ýirik hyrkalar adam nejasatlarynyň arasynda dargaşyp ýatyrdy. Soňra pygamber aýtdy:

– Eý, Abu Hüreýre, seniň bu görýän kelleleriň hemmesi siz ýaly adamlaryň kelleleridi. Bu kelleleriň hemmesi arzuw-hyýaldan, harsydünýälikden püre-pürdi. Şeýle-de, edil siziň ýaly uzak ýaşamagy arzuw edipdiler. Ymaratlar gurmaga, mal-baýlyk toplamaga çalşypdylar. Bu gün bolsa olar seniň görüp durşuň ýaly, ýalaňaç süňkler bolup galdylar. Bu ýyrtyk hyrkalar olaryň bezenip, beslenen wagtlarynda, eginlerine geýen eşikleri. Häzir köwsarlaýan ýel olary tozadyp, nejasatyň içine aýlap urýar. Bu ýatanlar olaryň ýükçüleri bolup hyzmat eden atlaryň, düeleriň, ýabylaryň we beýleki mallaryň süňkleri. Bu adamlar bularyň üstüne münüp, bütin älemi aýlanypdylar. Bu nejasatlar olaryň aldaw-hile bilen ele salan we biri-birinden

[1] Бу ïґмле Гурханыє 10-нïы («Юнус») сґресиниє 7-нïи аятындан ве 16-нïы («Балары») сґресиниє 107-нïи аятындан алнан. Бу аятларда дґнйўни ахыретден хем говы гïрґп, оєа бил багланыє ïайыныє ïўхеннем болïакдыгы айдыляр.

ogurlyk edip alan ýakymly tagamlarydy. Ine, şeýdibem, olar özlerinden aňkap duran, ysyndan ýaňa hiç kimiň golaýynda durup bilmeýän şunuň ýaly ryswaçylygy galdyrdylar. Diýmek, dünýäniň ahwalynyň hemmesi, ine, seniň şu görşüň ýaly. Eger her kim bu dünýäniň agysyna aglasa, ol ýerliklidir.

Bu gürrüňlerden soňra Abu Hüreýre ellerini ýüzüne tutup aglady. Muny görüp, ol ýerdäki sahabalaryň hem hemmesi möňňürip aglamaga başladylar we edil şu ýeriň özünde bu dünýeden ýüz öwürdiler».

### *Onunjy mysal*

Bu dünýäniň keşbini ýene bir mysalda görmek bolar.

Isa pygamberiň (Alla onuň ruhuny şat etsin!) döwründe üç sany adam ýol bilen barýar eken. Olar bir hazynanyň üstünden barypdyrlar. Ýoldaşlaryň her biri baýlyga eýe bolmak üçin, öz ýanyndan beýleki ýoldaşyny heläk etmeklik niýetine münüpdirler. Şu bet niýet bilen olar: «Birimiz gidip, iýer-içer ýaly bir zat getireli» diýşip hile gurnapdyrlar. Soňra ýoldaşlaryň ikisi galyp, beýleki birini iýer-içer ýaly zat getirmek üçin ugradypdyrlar. Ol kişi gidip, tagam satyn alypdyr. Ol öz ýanyndan: «Ol ikisi iýip öler ýaly, men bu tagama zäher goşaýyn, onsoň hazyna öz-özünden meniň elime geçer» diýip, göwün ýüwürdipdir we şu niýet bilen hem tagama zäher goşupdyr. Yzda galan beýleki ikisi: «Bu adam öwrülip gelende, getiren tagamyny alaly-da, özüni öldüreli. Şeýlelikde, hazyna biziň ikimiziňki bolar» diýip dilleşipdirler. Giden kişi zäherli tagam bilen dolanyp gelende, ýaňky ikisi ony öldüripdirler. Onuň getiren tagamyny iýensoňlar, sähel salymdan bularyň ikisi-de ölüpdir. Şeýlelikde, hazyna öňküsi ýaly, öz ýerinde galypdyr. Tötänlikden ol ýerden geçende, bu läş bolup ýatanlara Isa pygamberiň gözi düşüpdir. Ol öz yzyna eýerijilerine garap: «Ine, dünýe! Bularyň üçüsinem nähili heläk edendigine bir syn ediň. Onuň özi bularyň üçüsindenem galandyr. Ol üç kişi dünýäniň şumlugy zerarly ölüp gitdiler. Dat, dünýäni dünýeden gözleýänleriň gününe!».

## *Ikinji çeşme – soňky demiň barada pikir etmekdir*

Bilgin! Adamlar iki topar bolýandyrlar. Olaryň birinjisi – dünýäniň hal-ýagdaýyna, wagtyna, ýagny dünýäniň bir ötegçidigine üns bermeýän, diňe uzak ýaşamagyň arzuwy bilen ýatyp-turýan kişilerdir. Olar näme isleseler, şony etmek bilen göwünlerini kanagatlandyrýarlar, hiç haçan soňky demlerini ýada salmaýarlar, ol hakda pikir-alada hem etmeýärler. Bular barypýatan akmak kişilerdir.

Ikinjisi – bu dünýäde nähili bolmalydygy, imanyňy o dünýä nähili sag-salamat eltmelidigi, bu dünýäden özüň bilen nämeleri äkidip bolýandygy, nämeleri äkidip bolmaýandygy barada oýlanyp, hemişe özleriniň soňky demleriniň aladasy bilen ýatyp-turýan akylly adamlardyr. Bular barada pikir etmek ähli adamlara wajypdyr. Bu esasanam, elpe-şelpelik, bolelinlik üpjünçiligi hemmeleriňkiden artyk bolan soltanlara, patyşalara we welaýat eýelerine has-da wajypdyr. Olarda san-sajaksyz mülk, ekerançylyk ýerleri, saraýlar, düşekler, gulamlar, kenizekler, atlar, goýun-guzylar we şuňa meňzeşler bardyr. Bular ahyrete golaýlaşdyrýan soňky demlerinde bu zutlaryň ählisi bilen hoşlaşyp, öz ýanlary bilen diňe bu dünýede eden ýagşy amallaryny äkidip bilerler.

Beýikligi beýgelmiş Belent Allatagalanyň ýanynda bir gulam bardyr. Onuň ady Ezraýyldyr. Hiç bir ýaradylan ondan sypyp bilmez. Para-peşgeş, mertebe-dereje, hormat-sylag, rehim-şepagat ýaly zatlar hiç bir kişiniň saraýdyr öýüniň gapysyndan yzyna dönüp gaýtmaz, baran ýerinde ýer alar. Patyşanyň ähli emeldarlary, wezir-wekilleri öz haklary ýa-da para hökmünde altyn-kümüş we iýip-içer ýaly zatlary alarlar, emma bu wekil, ilçi jandan başga hiç zat almaz. Ähli wekillerden şepagat dileseň ýa-da haýyş etseň, peýdasy deger, emma bu ilçiniň ýaňky zatlara hiç hili nepi degmez. Ähli wekiller bir gün, bir sagat möhlet bererler, emma bu ilçi ýekeje dem hem möhlet bermez. Onuň geň-ajaýyp häsiýetleri örän köpdür. Biz onuň geň-taň hal-ahwallaryny düşündirmek üçin, bäş sany hekaýaty aýdyp bereris.

## *Birinji hekaýat*

Bu hekaýat jöhitleriň ulamasy, soňra musulman bolan Wähäb ibn Monebbä degişli. Ol şeýle rowaýat aýdýar:

«Beýik patyşalaryň hatarynda bolan bir patyşa bolupdy. Ol bir gün özüniň patyşalygyny hem beýikligini halka göz, äleme jar etmek üçin, dabaraly hem haýbatly ýagdaýda atyna atlanmak we ähli emirlerini, leşger ýolbaşçylaryny hem özi bilen atlandyrmak isledi. Soňra özüne gymmatbaha, haýbatly eşikleri getirmeklerini buýurdy. Göze gelüwli, aňrybaşy owadan eşikleri alyp geldiler. Geýdi. Başga hiç ýerde tapylgysyz meşhur atlary, oňat ýük ulaglaryny onuň ýanyna idip getirdiler. Ol ähli ýarag-esbap bilen kämil üpjün edilen, bili jöwherler bilen bezelen sap zer çekili bir belli aty saýlady. Soňra atyň üstüne mündi. Ol leşgeriň ortarasynda uly haýbat bilen atyny sürüp barýardy. Şol wagt bir ýerden Iblis peýda boldy. Ol agzyny onuň burnunyň üstüne goýdy. Patyşa burnunda öwüs-ýän gopbamsylyk ýeliniň meçewi bilen öz ýanyndan: «Jahanda meniň ýaly kim barka?!» diýýärdi. Şeýle badyhowalyk bilen ýeli murtunda ýykyp, atyny säpjedip barýardy. Tekepbirlikden we ulumsylykdan ýaňa, hiç kimiň ýüzüne-de seretmeýärdi. Şol wagt egni köne-küşül, hapa eşikli bir adam öňüni kesip, oňa salam berdi. Patyşa göwnüýetmezlik edip, oňa jogap gaýtarmady. Ol adam elini uzatdy-da, onuň atynyň uýanyny tutdy. Patyşa:

– Eliňi çek, sen at uýanyny tutar ýaly kim bolupsyň?! – diýip gygyrdy.

Derwüş adam:

– Meniň saňa bir hajatym bar – diýdi.

Patyşa:

– Atdan düşýänçäm sabyr et – diýdi.

Ol:

– Edil şu wagtyň özünde isleýän – diýdi.

Patyşa:

– Näme üçindigini aýt – diýdi.

Ol:

– Bu bir syr. Muny seniň gulagyňdan başga ýere aýdyp bilmerin – diýdi.

Patyşa:

– Aýt – diýdi.

Ol kellesini patyşanyň gulagynyň ýanyna ýetirip, ýuwaşjadan:

– Men ajal perişdesi. Seniň janyňy almak üçin geldim – diýdi.

Patyşa bu sözleri eşidenden, sandyrap gitdi. Soňra:

– Öýüme baryp, aýalym, çagalarym bilen hoşlaşar ýaly, maňa bir möhlet ber – diýdi.

Ol:

– Ýok, sen indi hiç haçan öýüňi, aýalyňy we çagalaryňy görmersiň. Seniň ömrüň sanalgysy gutardy – diýdi-de, onuň ýanyna bardy. Atyň üstünde onuň janyny aldy. Ol ýykyldy we jan berdi. (Eý, Allam! Yslam patyşasyny nägehan (duýdansyz pursatdaky) ölümden Özüň goraweri!)

Leşgerden gykylyk-galmagal gopdy. Gulamlar ol derwüşiň üstüne gygyrmaga başladylar. Ezraýyl bolsa eýýäm ol ýerden gaýyp bolupdy.

Soňra Ezraýyl ol ýerden seniň Hudaýyňyň halan bendelerinden bolan bir dostunyň ýanyna geldi. Oňa salam berdi. Ol güler ýüz bilen onuň jogabyny berdi. Ezraýyl oňa:

– Meniň saňa bir syrym bar – diýdi.

Ol:

– Gulagym sende, aýdyber – diýdi.

Ezraýyl onuň gulagyna:

– Men ölüm perişdesidirin – diýdi.

Ol:

– Salam! Hudaýa şükür! Seniň gelmegiňe köp garaşdym. Uzak wagtlap ýitirim bolduň. Seniň kimin dostuň huzuryna gowuşmak üçin intizar bolşum ýaly, hiç haçan hiç kimiň ýoluna beýle intizar nazarymy diken däldirin – diýdi.

Ezraýyl:

– Häzir näme hajatyň we pişäň bar bolsa aýt – diýdi.

Ol:

– Meniň Allatagalanyň didaryny islemekden başga hiç hili kärim hem, pişäm hem ýok – diýdi.

Ezraýyl:

– Sen janyňy nähili edip almagymy isleýäň? Maňa janyňy seniň öz isleýşiň ýaly almagy buýurdylar – diýdi.

Ol:

– Beýle bolsa, täret kylyp, namaza durýançam garaş. Sejde üçin başymy goýanymda, janymy al – diýdi.

Ezraýyl edil aýdyşy ýaly edip, ony Allanyň rehmetine gowşurdy».

## *Ikinji hekaýat*

Köp mal-baýlyk düýrüp, ýygşyran bir adam hakda şeýle hekaýat aýdýarlar:

«Ol adam rahat oturmak, gowy iýip-içmek, arkaýyn ýaşamak üçin, Allatagalanyň dünýedäki döreden zerur zatlarynyň ähli görnüşini edinmek isläpdir. Soňra bu nygmatlaryň hemmesini toplapdyr. Ol bir belent, şa tagtly, kaşaň köşk gurdurypdyr. Oňa iki sany mäkäm derweze goýdurypdyr. Çakgan gulamlary oňa gözegçi edip belläpdir.

Bir gün ol hyzmatkärlerine süýji tagam taýýarlamaklygy buýrupdyr. Soňra öz nökerlerini we kowumyny öz öňünde nahar iýmek üçin çagyrypdyr. Özi kürsüsine geçip oturdy. Nökerlerinden we ýakynlaryndan bolan birgiden adamlar gelip, saçak başynda jaýlaşdylar hem-de süýji tagamlardan iýmäge başladylar. Şol wagt ýaňky adam tirsegine söýenip, öz-özi bilen gürleşdi:

– Dünýä nygmatlarynyň hemmesini topladym. Indi bolsa rahatlyk hem arkaýynlyk bilen hezil edip iýip-içip, dünýäniň hözirini görüp otyryn!

Ol heniz şu pikirinden el çekmänkä, nan dileýän derwüş sypatyndaky sal-sal eşikli, boýnundan bir torba asylgy bir adam köşgüň daşyndan geldi. Ol köşgüň gapysynyň daşynda pyrlandy. Onuň derwezäni batly hem haýbatly kakyşyndan, köşk yranyp, tagt ýerinden gozganyp gitdi. Ähli adamlar sandyrap başladylar. Habaryny sorasalar, derwüş sypatly adam bulardan bir bölejik nan diledi. Gulamlaryň we derwezebanlaryň hemmesi ýerlerinden böküp turdular-da, onuň üstüne gygyrmaga başladylar:

– Bu nähili samsyklykdyr, eý, gymmat janly derwüş. Naharymyzy iýýänçäk, biraz sabyr et. Soňra saňa-da iýer ýaly galan-gaçanlaryny bereris.

Ol adam aýtdy:

– Baryň-da, hojaýynyňyza aýdyň. Goý, ol daşary çyksyn. Meniň onuň bilen bir wajyp işim bar.

Olar aýtdylar:

– Şu ýerden garaňy saýla, eý, gedaý! Hojaýynymyzy ýanyňa çagyrar ýaly, sen kimmişiň, niräň itimişiň?

Ol adam aýtdy:

– Siz oňa aýdyň! Meniň ýanyma gelmekden boýun gaçyrar ýaly, ol kimmişin?

Olar baryp, bu habary ýetirenlerinde, ol adam olara:

– Näme üçin onuň üstüne gygyrmadyňyz? Näme üçin ony kemsitmediňiz? – diýdi.

Derwüş ýene bir gezek derwezäniň agzyna gelip, öňki gezekkiden hem batly haýbat bilen derwezäni kakdy. Bu sese hemmeler ýerlerinden böküp, ör turdular. Soňra gulamlar taýakmydyr, ýaragmydyr – ellerine ilen zatlar bilen oňa tarap okduryldylar. Ahyry derwüş gaty ses bilen olaryň üstüne gygyryp:

– Biraz köşeşiň, men Ezraýyldyryn – diýdi.

Adamlar bu sözi eşidenlerinden, el-aýaklaryny ýitirip, sandyramaga başladylar, dilleri gürlemekden galdy.

Soňra olar bu ýagdaýy öz hojaýynlaryna habar berip, oňa:

– Ezraýyl saňa bu düýrüp-ýygşyran mal-baýlyklaryňy näme etmekçi bolsaň et. Indi seniň gitmeli wagtyň boldy diýýär – diýip aýtdylar.

Ol adam aýtdy:

– Goý, ol meniň deregime başga birini alsyn!

Bu habary Ezraýyla aýtdylar. Ezraýyl aýtdy:

– Ýok, almaryn. Men diňe seniň üçin, seniň düýren bu baýlyklaryňyň hemmesini senden jyda düşürmek üçin geldim.

Ol adam janyna dert bolan ähli mal-baýlygyny orta üýşürdi. Dünýäniň derdi-hasratyndan ýaňa, ah çekdi we uludan dem alyp, şeýle diýdi:

– Eý, mal-baýlyk, saňa Hudaýyň näleti bolsun! Sen meniň gözlerimi gapdyň. Allatagala ybadat etmeklikden sakladyň. Sen meni ele almak we perýada ýetirmek islän ekeniň. Bu gün bela hem hasrat bolup başymdan indiň. Men indi elim boşja, gury gitmeli boldum. Sen meniň duşmanym bolup galdyň.

Soňra Beýik Allatagala onuň bilen gürleşmek üçin, baýlyga dil berdi. Baýlyk ol adama garap, şeýle diýdi:

– Sen maňa aýdan gargyşlaryňy özüňe-de aýt. Seniň Hudaýyň meni-de, seni-de toprakdan ýaratdy. «Seni o dünýäde ele alýançam, ahyret ýolundaky borjuňy gazanarsyň, derwüşlere zekat, sadaka berersiň, metjit, köpri, saraýlar gurmaga sarp edersiň» diýip, meni seniň eliňe berdi. Sen bolsa meni gorap sakladyň. Aram-aram bet pygyllaryň üçin peýdalandyň. Şu günki günde bizi duşmanlaryňa öwürmek üçin, pis işlere bulaşdyň. Sen bizi hasrata we günä işlere iteklediň. Ýogsa, meniň ne günäm bardy?

Soňra nan iýip ýetişmänkä, Ezraýyl ol adamyň janyny aldy. Ol kürsüsinden baş-aşak ýykyldy we jan berdi.

Seniň Hudaýyň yslam patyşasyny il içinde ýagşy at-abraýly edip, mertebe-derejesini beýgeltsin we patyşalygyny dowamly etsin!

## *Üçünji hekaýat*

Ýezit Rakkaşy şeýle hekaýat aýdýar:

«Ysraýyl ogullarynda belli zalymlardan bolan bir sütemkär bolupdy. Ol bir gün patyşalyk tagtynda otyrka, saraýynyň gapysyndan haýbatly we gorkunç sypatly bir kişiniň girendigini gördi. Ol gorkudan hem ürküden ýaňa, böküp ýerinden turdy we ondan:

– Meniň öýüme rugsatsyz girer ýaly, sen kimsiň? – diýip sorady.

Ol:

– Meni hiç bir hajyp saklap bilmez. Öýünde bolmak üçin, men hiç bir patyşadan hiç hili rugsatdyr görkezme islämok. Hiç bir patyşanyň ölüminden çekinemok. Hiç bir boýun towlaýjy zalym meniň elimden sypyp bilmez – diýdi.

Bulary eşidenden, ýaňky adam lerzana gelip, onuň aýagyna ýykyldy. Endamy sandyrap başlady we ondan:

– Sen Ezraýylmy? – diýip sorady.

Ezraýyl:

– Hawa – diýdi.

Ol:

– Hudaýyň haky üçin, bir gün möhlet berseň, men toba edeýin we ötünç diläýin! Hazynamda goýan mal-baýlyklary eýelerine gaýtaryp bereýin – diýdi.

Ezraýyl:

– Beýle möhlet berip bilmerin. Çünki, seniň bu dünýedäki ýaşamaly günleriň sanalgydy. Ondan hiç zat galmady – diýdi.

Ol:

– Onda bir sagat möhlet ber – diýdi.

Ezraýyl:

– Ýaşamaly sagadyňam sanalan. Olaryň hemmesi geçip gitdi. Sen olardan gapyl bolduň. Indi hiç sagadam, hiç bir demem galan däldir – diýdi.

Ol:

– Häzir sen meniň ýanyma näme isleg bilen geldiň, meni o dünýä äkitjekmi? – diýdi.

Ezraýyl:

– Seniň eden işiňden başga hiç zat alnyňa gelmez – diýdi.

Ol:

– Men bu dünýede hiç hili ýagşy iş etmändim – diýdi.

Ezraýyl:

– Onda sen Allanyň gazabyna duçar bolarsyň, jaýyň bolsa dowzah bolar – diýdi-de, onuň janyny aldy. Ol diňarkan gaýtdy. Köşkde gykylyk-gopgun turdy. Eger adamlar oňa o dünýäde näme ediljegini, nämäniň garaşýandygyny bilen bolsadylar, onda ahy-nalalaryny has hem artdyrardylar».

### *Dördünji hekaýat*

Şeýle rowaýat aýdýarlar:

«Bir gün jan alyjy Ezraýyl Süleýman ibn Dawudyň (oňa Allanyň salamy bolsun!) ýanyna gelýär. Ol onuň ýakynlaryndan we gulamlaryndan bolan bir kişiniň ýüzüne haýbat bilen ýiti-ýiti seredýär-de, çykyp gidýär. Ezraýyl gidenden soň, gulam Süleýmana ýüzlenip:

– Eý, Allanyň ilçisi! Meniň ýüzüme ýiti çiňerilip sereden kişi kimkä? – diýip soraýar.

Ol:

– Ezraýyl – diýip, jogap gaýtarýar.

Gulam:

– Maňa şeýle bir içgin seredişinden, «ol meniň janymy almaga gelendir» diýip gorkýan. Sen meni şu sagadyň özünde onuň elinden halas etsene! – diýip ýalbarýar.

Pygamber:

– Men seni nädip halas edeýin? – diýýär.

Gulam:

– Ol meni gaýdyp tapmaz ýaly, sen ýele meni edil şu sagadyň özünde Hindistan topragyna äkitmegi buýur – diýýär.

Süleýman ýele ony edil şu wagtyň, şu pursatyň özünde Hindistana eltmegi buýurýar.

Soňra Ezraýyl ýene-de Süleýmanyň ýanyna dolanyp gelýär. Süleýman ondan:

– Ne sebäpden pylan kişiniň ýüzüne gaty siňe-siňe seretdiňiz? – diýip soraýar.

Onda Ezraýyl:

– Geň galyp seretdim. Maňa onuň janyny Hindistan topragynda almaklyk barada seniň Hudaýyňdan perman boldy. Ol Hindistandan uzakda bolupdy. Soňra men tötänlikden Hindistana gitdim we ony şol ýerden tapyp, janyny aldym – diýýär».

## *Bäşinji hekaýat*

Şeýle rowaýat edýärler:

«Zülkarneýn Isgender Rumy dünýäniň şaý-esbabyndan hiç hili zady bolmadyk bir kowuma duşupdyr. Olaryň gabyrlary edil gapylarynyň agzynda bolupdyr. Her haýsy özi üçin aýratyn bir gör gazyp goýan eken. Her gün görleriň ýanyna baryp, bütin gün şol görleriň arasynda zyýarat we ybadat eder ekenler. Aýda ýekeje gün agyzlaryny açyp, galan günlerde roza tutupdyrlar. Olaryň gök otdan başga hiç hili naharlary, iýmitleri bolmandyr. Uýat ýerleriniň örtükleri hem gök otdan eken. Zülkarneýn ýanlaryna baryp, olaryň hal-ahwallaryna syn edipdir. Ýaşaýyşlaryna gaty geň galypdyr. Soňra Zülkarneýn bir adam iberip, olaryň patyşasyny öz ýanyna çagyrypdyr, emma ol gelmändir. Patyşa: «Ýanyna barar ýaly, meniň oňa hiç hili zerurlygym ýa-da mätäçligim ýok» diýipdir.

Soňra Zülkarneýniň özi onuň ýanyna gidipdir we patyşa garap, şeýle diýipdir:

– Men sizde altyndan, kümüşden, dünýä nygmatlaryndan hiç zat görmeýärin, hiç hili mal-baýlyk ýygnamaýarsyňyz, hiç zadyňyz hem ýok. Allatagalanyň

ýaşaýyş üçin döreden nygmatlarynyň hiç birisini peýdalanmaýarsyňyz. Munuň sebäbi nämedir?

Patyşa oňa şeýle diýipdir:

– Çünki, hiç kim hiç haçan dünýeden we dünýä nygmatlaryndan doýan däldir.

Zülkarneýn aýdypdyr:

– Öýleriňiziň gapysynyň agzynda gabyrlar gazmagyňyzyň sebäbi nämedir?

Patyşa aýdypdyr:

– Haçanda olara gözümiz düşende, ol gabyrlar kalbymyzda derrew ölüm duýgusyny oýaryp, bize dünýäniň bir sowuk zatdygyny ýatladýar. Onsoň biz Hudaýa ybadat etmäge meşgul bolýarys. Ine, biz bu gabyrlary şu maksat bilen gazdyk.

Zülkarneýn aýdypdyr:

– Ot iýmegiňiziň sebäbi nämedir?

Patyşa aýdypdyr:

– Öz garnymyzy janly-jandarlaryň gabry etmegi ýigrenýänligimiz üçin. Çünki, tagamyň lezzeti bokurdaga barýançadyr.

Soňra ol elini uzatdy-da, bir adamyň kelleçanagyny alyp, Zülkarneýniň öňünde goýdy we oňa garap, şeýle diýdi:

– Eý, Zülkarneýn! Sen munuň kimiň kellesidigini bilýärmiň?

Zülkarneýn:

– Aýt, eşideli! – diýdi.

Ol aýtdy:

– Bu dünýä patyşalaryndan bolan bir patyşady. Ol zulum etmek, dünýä baýlygyny ýygyp-düýrmek bilen meşgul boldy. Raýatyna agyr jebir-sütemler etdi. Onuň Allanyň bendelerine eden jebir-sütemleri çenden aşyp, ýetjek derejelere ýetdi. Onsoň Beýik hem Belent Allatagala onuň janyny alyp, dowzaha ugratdy. Bu şol patyşanyň kellesi.

Soňra elini uzadyp, başga bir kelleçanagy eline aldy. Ony ortada goýup:

– Munuň kimiň kellesidigini bilýärmiň? – diýdi.

Zülkarneýn:

– Aýt – diýdi.

Ol söze başlady:

– Bu adyl, ýagşy niýetli, ýukaýürek, mähirli patyşalardan bolan bir patyşanyň kellesi. Ol raýatyna adyllyk etdi, rehim-şepagatlylyk bilen garady. Ejizleriň dadyna ýetişip, zalymlaryň temmisini berdi. Dünýeden gaýtmaly wagty, Allatagalanyň Ezraýyl atly ilçisi gelende, ol hiç bir kynçylyksyz, aňsatlyk bilen janyny tabşyrdy. Nesip bolsa, ol Allatagalanyň rehmetine we ýagty behişte gowşar.

Patyşa bulary aýtdy-da, elini Zülkarneýniň kellesiniň üstünde goýup, şeýle diýdi:

– Eý, Zülkarneýn, sen öz kelläň bu ikisinden haýsysy ýaly bolar diýip pikir edýäň? Ajal atly belanyň haçan ýakaňdan tutjakdygyny, imanyň o dünýä sag-salamat gitjekmi ýa-da ýok, ony Alladan başga hiç kim bilýän däldir. Sen şonuň üçin, özüňde gapyllyga ýol berme.

Zülkarneýn ep-esli wagt dymyp durdy. Soňra zar-zar aglap, ony bir gyra çekdi we şeýle diýdi:

– Meniň bilen söhbetdeş bolmaga we meniň wezirligime meýliň barmy? Eger bar bolsa, aýt, men şolar bilen birlikde öz mülkümiň hem ýarysyny saňa bereýin.

Patyşa aýtdy:

– Ýok.

Zülkarneýn aýtdy:

– Näme üçin?

Patyşa aýtdy:

– Çünki, ýygyp-düýren mal-mülküň sebäpli, ähli halk seniň duşmanyňdyr. Derwüşligim we kanagatlylygym üçin bolsa olar meniň dostumdyrlar.

Soňra Zülkarneýin onuň bilen hoşlaşdy. Onuň gürrüňleriniň täsiri bilen ähli mal-mülküni, patyşalygyny terk etdi. Mal-baýlykdan ýüregini sowadyp, buza dönderdi. Şundan soňra özüniň ähli pikirini, güýç-kuwwatyny ahyret azygyny gazanmaklyga gönükdirdi».

* * *

Indi iň soňky demiň ahwaly baradaky hekaýaty beýan ederis.

Eý, yslam patyşasy! Gapyllykda ýatan adamlar ölüm gürrüňini diňlemegi halamaýarlar. Çünki, olar bu dünýä özleri üçin ýürekgysgynç bir zat bolar diýip gorkýarlar.

Habarda şeýle getirilýär: kim ölüm we gabrystanlyk hakda näçe köp ýatlasa, gabyr onuň üçin behiştiň çemenzarlyklaryndan bolan bir lälezarlyga öwrüler. Eger kim gapyl bolsa we bulary ýatlamasa, onuň gabry dowzah gowaklaryndan bolan bir gowaga öwrüler.

Bir gün pygamberimiz (oňa Allanyň salamy bolsun!) kapyrlaryň urşunda wepat bolan şehitleriň sypatlary hakda gürrüň berýärdi. Şonda Äşe (goý, ondan Alla razy bolsun!) şeýle diýdi:

– Eý, Allanyň ilçisi! Heý, şehit bolman, şehitlik sogabyny gazanyp biljek adam bolarmy?

Pygamber aýtdy:

– Eger kim bir günde ýigrimi gezek öz ölümi hakda ýatlasa, günäleri ýuwlup, sogap gazanar we oňa şehitlik derejesi berler.

Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Ölümiňiz barada köpräk ýatlaň. Şeýtseňiz, günäleriňiz ýuwlar, dünýä babatda ýüregiňiz sowuk we dok bolar».

Pygamber alaýhyssalamdan:

– Iň kiçijik we iň akylly adamlar kimler? – diýip sorapdyrlar.

Ol:

– Ölümi hakda köp ýatlan we onuň gamyny etmek bilen köp meşgul bolanlar – iň kiçi we iň akylly kişilerdir. Olar dünýäniň hormatyna, ahyretiň nygmatyna eýe bolarlar – diýdi.

Eger kim dünýäni edil meniň aýdyşym ýaly tutsa we soňky deme, ölüm hakdaky pikire öz kalbyndan orun berse, dünýäniň işi onuň üçin aňsat bolar. Iman

daragty kök urar, şahalary pajarlap başlar. Syrat köprüsinden hiç bir muşakgatsyz, aňsatlyk bilen geçer. Iman şek-şübhesiz sag-salamatlyk bilen Allatagalanyň ýanyna barar. Enşalla!

* * *

Belentligi beýgelmiş Beýik Allatagala dünýäni we ahyreti öz bolşunda, hakyky keşbinde görer ýaly, yslam patyşasyna röwşen göz bersin! Ol ahyret dünýesi üçin azap çeksin. Allanyň bendelerine ýagşylyk etsin! Çünki, ýüz müňlerçe halaýyk onuň raýatydyr. Eger patyşa halkyna adalatlylyk etse, olaryň ählisi onuň şepagatçysy, tarapdarlary bolarlar. Köp sanly şepagatçy raýaty bolan kişi kyýamatda gynalmadan, ejirden hem jezadan halas bolar. Eger zulum etse, olaryň hemmesi onuň duşmany bolarlar. Köp sanly duşman halaýygy, raýaty bolan kişiniň kyýamat güni işi howply we hatarly bolar. Şepagatçy bolmaly adamlar duşmana öwrülse, işi müşgil bolar.

Alla iň dogry ýola gönükdiriji we ugrukdyryjydyr. Ol öz jeberutynyň[1] dergähine barmak isleýänlere (muşdak bolanlara) ylham we towpyk berijidir. Dünýä zynatlaryndan ýüz öwrüp, oňa bütin süňňüň-durkuň bilen berilmelidir. Din ýolunda yhlas edip, tüýs mynasybyna ybadat edip boýun sunmalydyr. Ondan özge zada gabak galdyrmaly däldir. Din ýoluna öýkünijilere däl-de, päk ýürekli möminleriň edebine (ýoluna) eýermelidir, ynsyň-jynsyň ýagşysy – Muhammet alaýhyssalama eýermelidir. Onuň buýruklaryna tabyn bolup, gadagan eden zatlaryndan saklanmalydyr. Ine, şonda bu zatlar Allanyň huzuryna päk kalp bilen baranlardan başga, ne mal-baýlygyň, ne ogul-gyzyň haýry degýän gününde, size ýeterlik güwälik bolar.

[1] Ïеберут – Аллатагаланыє чўксиз гґйч-гудраты болан бейик ўлеминиє бири.